# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## Migrasiýa hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 1, 41-nji madda)

(Türkmenistanyň 04.05.2013 ý. № 399-IV, 09.11.2013 ý. № 453-IV, 13.06.2014 ý. № 90-V, 28.02.2015 ý. № 204-V, 26.03.2016 ý. № 367-V, 12.09.2016 ý. № 437-V, 04.02.2017 ý. № 508-V, 20.03.2017 ý. № 533-V, 03.06.2017 ý. № 579-V, 09.10.2017 ý. № 623-V, 09.06.2018 ý. № 55-VI, 05.10.2019 ý. № 193-VI, 22.08.2020 ý. № 280-VI, 13.03.2021 ý. № 349-VI, 05.06.2021 ý. № 392-VI, 16.03.2023 ý. № 541-VI we 03.06.2023 ý. № 28-VII Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

*Şu Kanun Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda Türkmenistanyň raýatlarynyň, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistana gelmeginiň, onuň çäginde bolmagynyň we Türkmenistandan gitmeginiň tertibini belleýär, Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlarynyň çygryndaky hukuk gatnaşyklaryny, Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek boýunça Türkmenistanyň döwlet edaralarynyň ygtyýarlygyny kesgitleýär.*

## □ BÖLÜM. UMUMY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Esasy düşünjeler

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) **migrasiýa** – fiziki şahslaryň Türkmenistandan daşary ýurt döwletlerine we daşary ýurt döwletlerinden Türkmenistana, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan ýerini üýtgedip ondan-oňa geçmegi;

2) **migrant** – Türkmenistandan daşary ýurt döwletlerine we daşary ýurt döwletlerinden Türkmenistana, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinde hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan ýerini üýtgetmek maksady bilen ondan-oňa geçýän fiziki şahs;

3) **daşary ýurt raýaty** – Türkmenistanyň raýaty bolup durmaýan hem-de özüniň haýsydyr bir daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişlidiginiň subutnamasy bar bolan adam;

4) **raýatlygy bolmadyk adam** – Türkmenistanyň raýaty bolmadyk we haýsydyr bir daşary ýurt döwletiniň raýatlygyna degişlidiginiň subutnamasy bolmadyk adam;

5) **emigrasiýa** – Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistandan çykyp, hemişelik ýaşamak maksady bilen daşary ýurt döwletlerine gitmegi;

6) **emigrant** – Türkmenistandan daşary ýurt döwletlerine hemişelik ýaşamak

maksady bilen gidýän Türkmenistanyň raýaty;

7) **içerki migrasiýa –** fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýan ýerini üýtgedip, ondan-oňa geçmegi;

8) **üstaşyr migrasiýa** – daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň bir daşary ýurt döwletinden barmaly daşary ýurt döwletine Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçmegi;

9) **zähmet migrasiýasy** – Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan fiziki şahslaryň Türkmenistanyň çäginden daşary, şeýle hem daşary ýurt döwletlerinde hemişelik ýaşaýan we Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň zähmet işini amala aşyrmak maksady bilen kanuny esasda meýletin ondan-oňa geçmegi;

$9^1$) **daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda zähmet işini amala aşyrmagy** – munuň özi Türkmenistanda zähmet şertnamasy ýa-da işleri ýerine ýetirmek (hyzmatlary etmek) boýunça raýat-hukuk häsiýetli şertnama esasynda daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň amala aşyrýan işi;

$9^2$) **daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda bikanun zähmet işini amala aşyrmagy** – munuň özi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde berilýän Türkmenistanda işlemäge rugsatnamasy bolmadyk, şonuň ýaly-da Türkmenistanda işlemäge rugsatnamada görkezilen hünärinden, wezipesinden başga hünär, wezipe boýunça, zähmet işini amala aşyrmaga rugsat berlen çäklerden başga çäklerde, şeýle hem bellenilen tertipde resmileşdirilmedik, uzaldylmadyk Türkmenistanda işlemäge rugsatnamasy esasynda daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň amala aşyrýan işi;

$9^3$) **daşary ýurtly işgär** – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanda zähmet işini amala aşyrýan daşary ýurt raýaty;

10) **bikanun migrasiýa –** fiziki şahslaryň Türkmenistanyň kanunçylygyny bozup, Türkmenistana gelmegi, onuň çäginde bolmagy we Türkmenistandan gitmegi;

11) **wiza** – daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda ykrar edilen, Türkmenistana gelmäge, onuň çäklerinde bolmaga we Türkmenistandan gitmäge rugsat berýän pasportynda ýa-da onuň ornuny tutýan ýol resminamasynda bellik (degişli döwlet edaralarynyň möhri basylan ýörite stiker);

12) **akkreditasiýa şahadatnamasy** –Türkmenistanyň çäginde halkara sport çärelerine gatnaşmak üçin Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edarasy tarapyndan daşary ýurt raýatyna we raýatlygy bolmadyk adama berilýän resminama;

13) **Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama** – Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde berlen, daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara olaryň şahsyýetini tassyklaýan we Türkmenistanda ýaşamaga hukuk berýän resminama;

14) **administratiw tertipde çykarmak** – Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk

adamlaryň Türkmenistanyň Döwlet serhedinden Türkmenistanyň çäklerinden daşary mejbury we gözegçilik edilýän ýagdaýda çykarylmagy;

15) **Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumy** – Türkmenistanyň raýatlarynyň şahsy maglumatlarynyň ýeke-täk hasabyny ýöretmegiň ulgamy;

16) **ýaşalýan ýer** – fiziki şahsyň hemişelik ýa-da köplenç ýaşaýan ýeri;

17) **bolunýan ýer** – fiziki şahsyň wagtlaýyn ýaşaýan ýeri.

18) **daşary ýurt raýatlaryny we raýatlygy bolmadyk adamlary ýaşaýan/bolýan ýeri boýunça hasaba almak** - ygtyýarly edilen edaralar tarapyndan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýaşaýan/bolýan ýeri boýunça, şeýle hem onuň bir ýerden başga ýere geçmegi barada maglumatlaryň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde hasaba alynmagy;

19) **daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary ýaşaýan/bolýan ýeri boýunça hasaba almagyň döwlet maglumatlar ulgamy -** daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar babatda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynda aýratyn ugurlardaky migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek üçin döredilen maglumatlar gorlarynyň jemi;

20) **çakylyk** - daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama Türkmenistana gelmek üçin wizanyň berilmegine esas bolup durýan ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde resmileşdirilen resminama;

21) **daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanda kabul edýän tarap** - daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanda wagtlaýyn bolmak üçin çagyrýan we (ýa-da) kabul edýän fiziki şahslar – Türkmenistanyň raýaty, Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýaty ýa-da raýatlygy bolmadyk adam, ýuridik şahs döretmezden telekeçilik işini amala aşyrýan adamlar, şeýle hem ýuridik şahslar, şol sanda döwlet edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary, halkara guramalarynyň Türkmenistandaky wekilhanalary ýa-da daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistanda ýerleşýän halkara guramalarynyň ýanyndaky wekillikleri, ýuridik şahsyň şahamçasy ýa-da wekilligi.

(2013-nji ýylyň 9-njy noýabryndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

### 2-nji madda. Türkmenistanyň migrasiýa hakyndaky kanunçylygy

1. Türkmenistanyň migrasiýa hakyndaky kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar hem-de şu Kanundan, migrasiýa degişli meseleleri düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanunda göz öňünde tutulandan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

2. Şu Kanunyň täsiri Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilmek, dikeldilmek we raýatlygyndan çykmak hakynda towakga eden adamlara, şeýle hem bosgunyň derejesini alan ýa-da şol derejäni almak hakynda towakganama bildiren adamlara degişli däldir.

**3-nji madda. Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmegiň esasy ýörelgeleri**

Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek şu aşakdaky ýörelgelere esaslanýar:

1) adamyň ýaşaýan ýerini, işiniň görnüşini we hünärini erkin saýlap almaga, hereket etmek azatlygyna bolan, Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilen hukuklaryny üpjün etmäge;

2) haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine salgylanylyp ýa-da beýleki sebäpler boýunça şahsyýetiň hukuklarynyň hem-de azatlyklarynyň kemsidilmegine ýol bermezlige;

3) migrasiýa babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyk gelmegini üpjün etmäge;

4) Türkmenistanda bikanun migrasiýany ýüze çykarmaga, öňüni almaga we aradan aýyrmaga;

5) migrantlaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna sarpa goýmagyna we ony berjaý etmegine;

6) içerki migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek çygrynda ygtyýarly döwlet edaralarynyň hyzmatdaşlyk etmegine, jemgyýetçilik birleşikleri bilen arkalaşykly hereket etmäge;

7) ygtyýarly döwlet edaralarynyň daşarky migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmäge gatnaşmagyna.

**4-nji madda. Şu Kanunyň esasy wezipeleri**

Şu Kanunyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

1) Türkmenistanda migrasiýa ýagdaýlaryny düzgünleşdirmek we durnuklylaşdyrmak;

2) migrantlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, olaryň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek;

3) bikanun migrasiýany ýüze çykarmak, öňüni almak we aradan aýyrmak;

4) Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumyny ýöretmek;

5) migrasiýa ýagdaýlarynyň ösýän şertlerinde milli howpsuzlygyň üpjün edilmegine we döwletiň bähbitleriniň berjaý edilmegine ýardam bermek;

6) migrasiýa ýagdaýlaryny hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň usulyny kämilleşdirmek.

**5-nji madda. Migrasiýa babatda Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edaralary**

1. Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy, Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy we migrasiýa meseleleri bilen meşgullanýan beýleki döwlet edaralary migrasiýa babatda Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edaralary bolup durýarlar.

2. Şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen döwlet edaralary Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen ygtyýarlyklaryň çäklerinde şu Kanunyň talaplarynyň berjaý edilişine gözegçilik edýärler.

## □□ BÖLÜM. DAŞARY ÝURT RAÝATLARYNYŇ, RAÝATLYGY BOLMADYK ADAMLARYŇ TÜRKMENISTANA GELMEGI, ONDA BOLMAGY WE TÜRKMENISTANDAN GITMEGI

**6-njy madda. Daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara Türkmenistana gelmäge, onda bolmaga we ondan gitmäge rugsat bermek**

1. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça bellenilmedik bolsa, Türkmenistana gelmek üçin wiza esasynda Türkmenistanyň çäklerine gelip we onda bolup bilerler.

Türkmenistana ýaşamak üçin gelýän daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň gelmegi we onda bolmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde berlen Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama esasynda amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň ygtyýarly edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde raýatlygy bolmadyk adamyň şahsyýetnamasy berlen raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäginde wizasyz ýaşaýarlar, ýol resminamasy boýunça Türkmenistandan gidýärler we Türkmenistana gelýärler.

Raýatlygy bolmadyk adamyň şahsyýetnamasynyň resmileşdirilip berilmegi, möhletiniň uzaldylmagy, çalşyrylmagy, gaýtadan resmileşdirilmegi, şeýle hem raýatlygy bolmadyk adamyň ýol resminamasynyň resmileşdirilip berilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwlet pajy ýa-da konsullyk ýygymlary alynýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aýry-aýry adamlar döwlet pajyny tölemekden ýa-da konsullyk ýygymlardan boşadylyp bilner.

$2^{1}$. Türkmenistanyň çäginde Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň esasynda ýaşaýan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar we Raýatlygy bolmadyk adamyň şahsyýetnamasy esasynda ýaşaýan raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde hasaba alynmaga hem-de Türkmenistanyň raýatlary üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde ýazga alynmaga degişlidirler.

3. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çägine girenden soň ýa-da ýurduň çäginde bolýan ýerini üýtgedip, barmaly ýerine barandan soň, eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça bellenilmedik bolsa, şu Kanun arkaly bellenilen tertipde, alnan wizalar ýa-da ýaşamak üçin ygtyýarnamalar esasynda üç iş gününiň dowamynda (ýurduň çägine giren güni muňa girmeýär) hasaba durmaga borçludyrlar.

4. Türkmenistanda bolýan daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň wizanyň, ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň we Türkmenistanda işlemäge rugsatnamanyň möhletini uzaltmak hakynda towakga etmäge haky bardyr.

5. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar şu halatlarda Türkmenistandan çykyp gitmäge borçludyrlar:

wizanyň, ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti tamamlananda;

wizany, ýaşamak üçin ygtyýarnamany uzaltmak hakyndaky towakganamalary kanagatlandyrylman galdyrylanda;

olaryň ýurduň çäginde bolmaly möhleti gysgaldylanda ýa-da olara berlen wiza, ýaşamak üçin ygtyýarnama ýatyrylanda;

şeýle hem beýleki esaslar bilen kesgitlenen Türkmenistanda bolmaly möhleti tamamlananda.

(2013-nji ýylyň 9-njy noýabryndaky, 2014-nji ýylyň 13-nji iýunyndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**7-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistana gelmegi we ondan gitmegi**

1. Degişli wizalary bar mahaly daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň Döwlet serhedinde ýerleşen halkara gatnawlary üçin açylan gözegçilik-geçiriş ýerleriniň üsti bilen ýaşyna garamazdan özlerine aýrybaşga resmileşdirilen hakyky daşary ýurt pasportlary boýunça, raýatlygy bolmadyk adamlar bolsa, özleriniň hemişelik ýaşaýan ýurtlarynyň ygtyýarly edaralary tarapyndan berlen şahsyýetine güwä geçýän hakyky resminamalar boýunça Türkmenistana gelýärler hem-de Türkmenistandan gidýärler.

2. Daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam pasportyny ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasyny ýitiren halatynda, ol bu barada haýal etmän migrasiýa gullugynyň, içeri işler edaralarynyň golaýdaky bölümine we degişli bolan döwletiniň diplomatik wekilhanasyna ýa-da konsullyk edarasyna habar bermelidir hem-de içeri işler edaralaryndan şeýle ýagdaý barada ýazmaça tassyknamany almalydyr.

Türkmenistanyň çäginde degişli bolan döwletiniň diplomatik wekilhanasy ýa-da konsullyk edarasy bolmadyk daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar tarapyndan ýol resminamalary ýa-da olaryň şahsyýetini tassyklaýan resminamalary ýitirilen, ogurladylan hem-de ulanmaga ýaramsyz ýagdaýa getirilen ýagdaýynda, agzalan şahslara Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan «Daşary

ýurt raýatynyň ýurduna dolanyp barmak üçin şahadatnamasy» berilýär.

«Daşary ýurt raýatynyň ýurduna dolanyp barmak üçin şahadatnamasy» tölegsiz resmileşdirilýär.

«Daşary ýurt raýatynyň ýurduna dolanyp barmak üçin şahadatnamasy» resmileşdirilen şahslar, Türkmenistanyň Döwlet serhedinde ýerleşen halkara gatnawlary üçin açylan gözegçilik-geçiriş ýerleriniň üsti bilen degişli wizany resmileşdirip Türkmenistanyň çäginden gidýärler.

«Daşary ýurt raýatynyň ýurduna dolanyp barmak üçin şahadatnamasynyň» blankasynyň (resmi kagyzynyň) nusgasy we teswiri, ony resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

3. "Türkmenistanyň hormatly raýaty" diýen ada mynasyp bolan daşary ýurt raýaty "Türkmenistanyň hormatly raýaty" diýen ada berlen şahadatnamany görkezip, hakyky daşary ýurt pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminama esasynda Türkmenistana gelýär we ondan gidýär. Şu halatda daşary ýurt raýaty Türkmenistana wizasyz gelip biler.

3[1]. Harby däl deňiz (derýa) gämileriniň ekipažlarynyň agzalary bolup durýan daşary ýurt raýatlary deňizçiniň şahsyýetnamasy bar mahalynda hakyky daşary ýurt pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminama boýunça Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistana gelýärler we Türkmenistandan gidýärler.

Harby däl deňiz (derýa) gämileriniň ekipažlarynyň agzalarynyň kenara düşmegi we Türkmenistanyň halkara deňiz menzillerinde hem-de deňiz menzilli şäherlerinde bolmagy migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan berilýän rugsatnamalar esasynda amala aşyrylýar.

Harby däl deňiz (derýa) gämileriniň ekipažlarynyň agzalarynyň kenara düşmegi we Türkmenistanyň halkara deňiz menzillerinde hem-de deňiz menzilli şäherlerinde bolmagy üçin berilýän rugsatnamalary bermegiň tertibi, şeýle hem rugsatnamanyň nusgasy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Dördünji bölegi Türkmenistanyň 09.06.2018 ý. № 55-VI Kanuny esasynda güýjüni ýitiren diýip ykrar edilen.

4[1]-nji bölegi Türkmenistanyň 05.10.2019 ý. № 193-VI Kanuny esasynda güýjüni ýitiren diýip ykrar edilen.

5. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistana gelmeginiň we Türkmenistandan gitmeginiň başgaça tertibi Türkmenistanyň halkara şertnamalary arkaly bellenilip bilner.

6. Daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama Türkmenistana şu aşakdaky esaslar boýunça gelmäge rugsat berilmeýär:

1) eger Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda onuň Türkmenistana gelmegi çäklendirilen bolsa;

2) hakyky wizasy, pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy bolmadyk halatynda;

3) milli howpsuzlygy üpjün etmegiň ýa-da jemgyýetçilik hukuk tertibini goramagyň bähbitleri üçin;

4) eger onuň gelmegi Türkmenistanyň raýatlarynyň we Türkmenistanda ýaşaýan beýleki adamlaryň saglygyna, hukuklaryna we kanuny bähbitlerine wehim salýan bolsa;

5) eger onuň öň gelen wagty Türkmenistanyň kanunçylygynyň gödek bozulmagynyň halatlary bellenilen bolsa;

6) eger Türkmenistana gelmek hakynda towakganama beren mahaly özi barada galp maglumatlar ýa-da galplaşdyrylan resminamalar berlen bolsa;

7) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen beýleki esaslar boýunça.

7. Türkmenistana gelmäge wizasy bar bolan daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara Türkmenistana girmegiň gadagan edilendigi barada Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň wezipeli adamy tarapyndan habar berilýär. Daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara Türkmenistana girmegiň gadagan edilmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde şikaýat edilip bilner.

8. Daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama şu aşakdaky halatlarda Türkmenistandan gitmäge ygtyýar berilmeýär:

1) eger onuň garşysyna jenaýat işini gozgamaga esaslar bar bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança;

2) eger oňa jenaýat edendigi üçin iş kesilen bolsa – jezasyny çekýänçä ýa-da jezadan boşadylýança;

3) eger şol adamyň gitmegi milli howpsuzlygyň bähbitlerine garşy gelýän bolsa, onuň gitmegine päsgel berýän ýagdaýlar aradan aýrylýança;

4) eger ol kazyýet tarapyndan üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa – borçnamalary ýerine ýetirýänçä;

5) eger ol barada kazyýetde raýat ýa-da arbitraž hak islegi bildirilen bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança;

6) eger Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen ýa-da onuň gitmegine päsgel berýän başga ýagdaýlar bar bolsa.

(2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky, 2017-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**8-nji madda. Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçilmegi**

1. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna we Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Şu Kanunda ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň bir daşary ýurt döwletinden barmaly döwletine Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçmegi hakyky daşary ýurt pasportlary ýa-da olaryň ornuny tutýan Türkmenistana gelmäge, Türkmenistanyň çäginden geçmäge we Türkmenistandan gitmäge hukuk berýän ýol resminamalary boýunça, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde berlen üstaşyr wizasy, barýan ugry boýunça Türkmenistan bilen araçäkleşýän döwlete barmaga wizasy ýa-da bellenen döwletiň wizasy bar bolan mahalynda amala aşyrylýar.

2. Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üstaşyr geçmegiň tertibini berjaý etmelidirler we bellenen ugur boýunça geçmelidirler. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçmeginiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

3. Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üstaşyr wizasynyň möhletinden artyk Türkmenistanyň çäginde saklanyp hem-de (ýa-da) bellenilen ugrundan çykyp bilmezler.

Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, Türkmenistanda saklanmagynyň, şol sanda mejbury saklanmagynyň zerurlygyny tassyklaýan resminamalary goşmak bilen, dahylly ýuridik we fiziki şahslaryň delillendirilen towakganamalary bar bolan mahalynda, diňe wizasynyň möhleti uzaldylan ýa-da degişli üstaşyr wizanyň resmileşdirilen ýagdaýynda Türkmenistanyň çäginde saklanyp bilerler.»;

«Türkmenistanyň hormatly raýaty» diýen ada mynasyp bolan daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçen mahalynda wizasyz Türkmenistanyň çäginde saklanyp bilerler.

(2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**9-njy madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň şahsy ýa-da gulluk awtoulag serişdesinde Türkmenistana gelmeginiň, onda hereket etmeginiň we ondan gitmeginiň tertibi**

1. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň şahsy ýa-da gulluk awtoulag serişdesinde Türkmenistana gelmeginiň, onda hereket etmeginiň we ondan gitmeginiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilýär.

2. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň hökmany yzyna

alyp gitmek şerti bilen getiren ulag serişdeleri bellenilen möhletiň geçmegi boýunça Türkmenistanyň çäklerinden alnyp gidilmäge degişlidir we Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulandan başga halatlarda Türkmenistanyň çäklerinde aýrybaşgalanyp bilinmez.

3. Şu maddanyň 2-nji böleginde görkezilen kadalaryň bozulan halatynda aýrybaşgalanan awtoulag serişdesi diňe Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde we esasda döwletiň haýryna geçirilip bilner.

**10-njy madda. Wizalary bermek we olaryň hereket ediş möhletini uzaltmak**

1. Daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara wizalary bermek:

Türkmenistanyň çäginde – Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň üsti bilen;

Türkmenistanyň çäginden daşarda – Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň wizalarynyň hereket ediş möhletini uzaltmak Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

2. Wizalaryň derejeleri we görnüşleri, şeýle hem olary resmileşdirmegiň, bermegiň we hereket ediş möhletini uzaltmagyň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär.

3. Daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara wizalary bermek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Türkmenistana gelmek üçin çakylyk resmileşdirilýär we kabul edýän tarapa berilýär hem-de bu barada Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalaryna, konsullyk edaralaryna, Türkmenistanyň migrasiýa gullugynyň edaralaryna ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde habar iberilýär.

Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary, migrasiýa gullugynyň edaralary, wiza bermek barada Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kabul edilen çözgüt hakynda ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde habar berilmegi esasynda, daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara wizalary çakylyk görkezilmezden berip bilerler.

Çakylygyň görnüşi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

4. Wizanyň resmileşdirilmegi, berilmegi, wizanyň hereket ediş möhletiniň uzaldylmagy, Türkmenistana gelmäge çakylygyň resmileşdirilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen konsulluk ýygymlary we tölegleri alynýar.

5. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar ýa-da daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslar bellenilen görnüş boýunça ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary resmileşdirýärler we olar wiza ýüztutmasy hökmünde degişli resminamalary goşmak bilen Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna iberilýär.

Daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama wizany bermek üçin daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçmegi üçin hakyky bolan, içinde wizalar üçin azyndan iki arassa sahypasy bolan, hereket ediş möhleti wizanyň hereket ediş möhletiniň tamamlanýan senesinden azyndan alty aý soň tamamlanýan hereket ediş möhleti bolan pasporty ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasy berilýär. Diplomatik we gulluk wizalarynyň berilmeginiň ýagdaýlary muňa degişli däldir.

6. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin Türkmenistana gelmäge we Türkmenistandan gitmäge wizalary bermek hem-de wizalaryň hereket ediş möhletini uzaltmak üçin şular esas bolup durýarlar:

1) daşary ýurt döwletleriniň we halkara guramalarynyň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we şolar bilen deňleşdirilen beýleki wekilhanalarynyň işgärleri, Türkmenistanda resmi taýdan ykrar edilen daşary ýurtly žurnalistler, şeýle hem olaryň maşgala agzalary üçin, – Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan berilýän akkreditasiýa şahadatnamalary we şol wekilhanalaryň, edaralaryň hem-de guramalaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

2) Türkmenistanda olary kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň we halkara guramalarynyň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we şolar bilen deňleşdirilen beýleki wekilhanalarynyň ugry boýunça Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – şol ýuridik we fiziki şahslaryň, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň we halkara guramalarynyň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we şolar bilen deňleşdirilen beýleki wekilhanalarynyň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

3) gulluk we işewürlik maksatlary bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – saparlaryň gulluk we işewürlik häsiýetlerine güwä geçýän zerur resminamalary goşmak bilen, olary

Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

4) maýa goýum işini amala aşyrmak maksady bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, şeýle hem olaryň maşgala agzalary üçin, – Türkmenistanyň ykdysadyýetine pul ýa-da maddy serişdeleriň goýulmagyny tassyklaýan zerur tassyknamalary goşmak bilen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

5) zähmet işini amala aşyrmak maksady bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Türkmenistanda zähmet işini amala aşyrmaga bolan rugsatnamasy hem-de olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

6) sport çärelerine gatnaşmak ýa-da sport çärelerini, sport hyzmatdaşlygyny guramak maksady bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar we olaryň ýany bilen gelýän şahslar üçin, – saparyň sport häsiýetine güwä geçýän zerur resminamalary goşmak bilen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

7) ynsanperwerlik maksatlary bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – saparyň ynsanperwerlik häsiýetlerine güwä geçýän zerur resminamalary goşmak bilen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

8) hususy işleri boýunça Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

9) okamak maksady bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – okuw mekdepleriniň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

10) syýahatçylyk maksady bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän syýahatçylyk kärhanalarynyň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

11) Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – barylýan ýurda girmäge hukuk berýän resminamalary goşmak bilen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýazmaça

ýa-da elektron ýüztutmalary, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginde mejbury duran (mejbury bolan) halatynda bolsa,– daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginde mejbury durýandygyna (mejbury bolýandygyna) güwä geçýän zerur resminamalary goşmak bilen, şol daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da gyzyklanýan ýuridik we fiziki şahslaryň delillendirilen towakganamalary;

12) lukmançylyk barlagyndan geçmek we bejeriş almak üçin Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – bu adamlaryň Türkmenistana gelmeginiň zerurlygyny tassyklaýan saglygy goraýyş edaralary tarapyndan berlen resminamalary goşmak bilen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

13) halkara gatnawlarynda ýolagçylary gatnadýan we ýükleri daşaýan daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleriniň ekipažlarynyň düzümine girýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üçin, – daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň, halkara gatnawlarynda ýolagçylary gatnadýan we ýükleri daşaýan daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdelerine dahylly bolan ýuridik we fiziki şahslaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

14) daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistana maşgala agzalary hökmünde gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar (äri/aýaly, kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary we eklenjinde bolýan ata-enesi) üçin, – şol daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary;

15) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň wiza resmileşdirmezden Türkmenistana gelen we onuň çäginde bolýan halatynda, şeýle hem wizanyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy, wizanyň ýatyrylmagy we Türkmenistanda bolmaly möhletiniň gysgaldylmagy bilen baglylykda, delillendirilen sebäplere görä wizanyň hereket ediş möhletiniň tamamlanmagy, beýleki esaslar boýunça kesgitlenen Türkmenistanda bolmaly möhletiniň tamamlanmagy, pasportyny ýa-da onuň ornuny tutýan resminamasyny ýitirmegi bilen bagly daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistandan gidip bilmedik halatynda, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň çykyş wizasyny bermek baradaky ýazmaça ýa-da elektron ýüztutmalary.

7. Ýüztutmalaryň görnüşleri we ýüztutma goşulýan resminamalaryň sanawy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

8. Daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistana gelmegi üçin wizany gaýragoýulmasyz resmileşdirilmek ýa-da daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanyň çäginde mejbury duran (mejbury bolýan) mahalynda Türkmenistanyň çäginde bolmaly möhletini uzaltmak zerurlygy ýüze çykan halatynda daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň ýa-da gyzyklanýan ýuridik we fiziki şahsyň towakganamasy boýunça Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň ýolbaşçylygynyň çözgüdi esasynda migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan wizanyň degişli derejesiniň resmileşdirilmegi şu ýagdaýlarda amala aşyrylyp bilner:

1) demir ýol otlusynyň, awtoulag serişdesiniň, gäminiň ýa-da howa gämisiniň hereketini saklaýan betbagtçylykly tebigy hadysalarda;

2) haýsydyr bir böleginiň zaýalanmagy netijesinde ýa-da ulag hadysasy netijesinde zelel ýeten degişli ulag serişdesiniň bejerilmeginiň zerurlygy ýüze çykanda;

3) eger lukmanyň çykaran netijesi boýunça hassanyň ýoluny dowam etmegi onuň janyna we saglygyna howply diýlip hasap edilmegi bilen oňa gaýragoýulmasyz lukmançylyk kömeginiň berilmeginiň zerurlygy ýüze çykanda;

4) düşüp münme nokadynda bir ulag serişdesinden beýleki ulag serişdesine geçirilen mahalynda göz öňünde tutulmadyk saklanmalar ýüze çykanda;

5) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň hereket etmegine päsgelçilik döredýän beýleki göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlarda.

9. Şu ýagdaýlarda wizanyň resmileşdirilmegi talap edilmeýär:

1) Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda wiza talaplaryndan boşatmak göz öňünde tutulan ýagdaýynda;

2) Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berlen ýagdaýynda;

3) raýatlygy bolmadyk adamyň statusy kesgitlenen we Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary tarapyndan raýatlygy bolmadyk adamyň şahsyýetnamasy berlen ýagdaýynda;

4) bosgun diýip ykrar etmek prosedurasynyň amala aşyrylan, bosgun şahsyýetnamasy gowşurylan, goşmaça ýa-da wagtlaýyn gorag berlen mahalynda;

5) daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara şertli iş kesilen ýagdaýynda;

6) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanyň çäginiň üstünden howa gämisinde Türkmenistanyň çäginde gonmazdan uçup geçen ýagdaýynda;

7) Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerlerinden Türkmenistanyň Döwlet serhedini geçişi hasaba alynmadyk halatynda daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanyň howa menzillerinde gonmak bilen howa gämisinde uçuşlary amala aşyran ýagdaýynda;

8) eger Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça bellenilmedik bolsa, halkara gatnawlarynda ýolagçylary gatnadýan we ýükleri daşaýan daşary ýurt döwletleriniň harby däl howa gämileriniň ekipažlarynyň düzümine girýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanda üç senenama gününden köp bolmadyk möhletde bolýan ýagdaýynda;

9) halkara howa gatnawlarynda uçuşlary amala aşyrýan howa gämileriniň ýolagçylary bolup durýan daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň adatdan daşary ýagdaýlaryň ýa-da daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň hereketini dowam etmäge päsgelçilik döredýän beýleki göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen bagly 24 sagadyň dowamynda Türkmenistanyň çäginde mejbury duran (mejbury bolan) halatynda;

10) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

10. Daşary ýurt raýatlaryna Türkmenistana gelmek üçin wizalar ikitaraplaýynlyk ýörelgesi esasynda degişli daşary ýurt döwleti tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna berilýän wizalaryň möhletlerine laýyklykda berlip bilner.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

### 11-nji madda. Wizany bermekden ýüz döndermek üçin esaslar

1. Daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama wizany bermekden ýüz döndermek üçin şu aşakdakylar esas bolup biler:

1) eger ol parahatçylyga we adamzada garşy jenaýat eden bolsa;

2) eger oňa agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýaty edendigi üçin iş kesilen bolsa;

3) eger ol barasynda jenaýat işi gozgalan bolsa, iş boýunça deslapky derňew, kazyýet derňewi ýa-da kazyýet önümçiligi tamamlanýança;

4) eger onuň Türkmenistanyň çäklerinde ýaşamagy Türkmenistanyň milli howpsuzlygynyň bähbitlerine ters gelýän, jemgyýetçilik hukuk tertibini bozup ýa-da ýurduň ilatyna ahlak taýdan zelel ýetirip biljek bolsa;

5) eger munuň özi Türkmenistanyň raýatlarynyň we beýleki adamlaryň

hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak üçin zerur bolsa;

6) eger ol adamyň immunýetmezçilik wirusy sebäpli döreýän kesel (AIW ýokuşmasy) bilen kesellän, weneriki kesellerden, neşekeşlikden ýa-da Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň ilatynyň saglygyna zyýan ýetirýän keselleriň sanawyna girizilen başga keselden ejir çekýän bolsa;

7) eger ol wiza almak maksady bilen görnetin ýalan maglumatlary habar beren bolsa;

8) eger öň ol barasynda Türkmenistana gelmäge çäklendirme ulanylan bolsa, çäklendirme möhleti tamamlanýança;

9) eger ol administratiw tertipde Türkmenistandan çykarylan bolsa, administratiw tertipde çykarmagyň möhleti tamamlanýança;

10) eger ol Türkmenistanda bikanun bolýan bolsa ýa-da başga bir daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama Türkmenistanyň çäklerine bikanun aralaşmaga ýardam beren bolsa;

11) eger ol terrorçylyk, döwlete garşy, ekstremistik ýa-da gaýry jenaýatçylykly guramalaryň agzasy ýa-da olara dahylly adam bolsa.

2. Wizany bermekden ýüz dönderilendigi baradaky çözgüt arza berene şeýle çözgüdiň kabul edilen pursadyndan başlap üç iş gününiň dowamynda habar berilýär.

**12-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynda hasaba alynmagy we hasapdan çykarylmagy**

1. Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň degişli edaralarynda üç iş gününiň dowamynda (ýurduň çägine giren güni muňa girmeýär) hasaba durmaga borçludyrlar. Ata-eneleri, çagany perzentlige alanlar, hossarlar (howandarlar) ýa-da olaryň biri bilen Türkmenistana gelen kämillik ýaşyna ýetmedik çagalar olar bilen bir wagtda hasaba alynýar.

2. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almak üçin aşakda görkezilenleriň biri esas bolup durýar:

1) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistana gelmegi;

2) dogulmagy bilen Türkmenistanyň raýatlygy berilmeýän daşary ýurt raýatynyň ýa-da beýleki şahsyň Türkmenistanyň çäginde dogulmagynyň bellige alynmagy;

3) Türkmenistanda bolýan şahs tarapyndan Türkmenistanyň raýatlygynyň ýitirilmegi.

3. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasapdan çykarmak üçin aşakda görkezilenleriň biri esas bolup durýar:

1) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanyň çäginden gitmegi;

2) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda aradan çykmagy;

3) Türkmenistanda bolan daşary ýurt raýatyny, raýatlygy bolmadyk adamy nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek ýa-da ölen diýip yglan etmek hakynda kazyýetiň çözgüdiniň kanuny güýje girmegi;

4) Türkmenistanda bolýan daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama Türkmenistanyň raýatlygynyň berilmegi.

Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almak ýa-da hasaba almagyň hereket ediş möhletini uzaltmak olaryň şahsy arzasy ýa-da olary Türkmenistanda kabul edýän ýuridik we fiziki şahslaryň, guramalaryň ýazmaça ýüztutmalary esasynda geçirilýär. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almagyň hereket ediş möhletini uzaltmak, wizanyň ýa-da Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti uzaldylandan soň amala aşyrylýar. Hasaba almagyň we onuň hereket ediş möhletini uzaltmagyň, şeýle hem hasapdan çykarmagyň tertibi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça bellenilmedik bolsa, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň Döwlet serhediniň üsti bilen girişi we çykyşy olaryň biometriki maglumatlaryny toplamak we pasportlarynda ýa-da pasportlarynyň ornuny tutýan resminamalarynda Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçen senesi barada möhürçe bilen bellik etmek hem-de bu barada zerur maglumatlary elektron maglumatlar goruna girizmek arkaly hasaba almak Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerleriniň migrasiýa nokatlarynda amala aşyrylýar.

Şu daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň Döwlet serhedinden girende we çykanda bellige alnan mahalynda biometriki maglumatlaryny bermekden boşadylýarlar:

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan akkreditirlenen daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň hem-de halkara guramalarynyň diplomatik personalynyň agzalary, konsullyk wezipeli adamlar we olaryň maşgala agzalary;

resmi wekiliýetiň düzüminde Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar.

Şu Kanunda ýa-da Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda başgaça bellenilmedik bolsa, üç iş gününden köp möhlet bilen Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar ýaşaýan ýa-da bolýan ýerleri boýunça degişlilikde Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň welaýatlardaky, welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäherlerdäki müdirliklerinde, etraplardaky we etrap hukukly şäherlerdäki bölümlerinde (mundan beýläk - migrasiýa gullugynyň edaralary) hasaba durmalydyrlar.

Ýönekeýleşdirilen tertipde Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlary diňe Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerleriniň migrasiýa nokatlarynda hasaba alynýar we olaryň bolmaly möhletleri hökümetara ylalaşyklary bilen kesgitlenilýär. Olar Türkmenistana gelen ýerindäki

Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerleriniň migrasiýa nokadyny üsti bilen gitmelidirler.

Türkmenistanyň çäginden üstaşyr geçýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar, eger olaryň Türkmenistanda bolýan möhleti bäş günden geçmeýän bolsa (ýurduň çägine giren güni muňa girmeýär), diňe Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerleriniň migrasiýa nokatlarynda hasaba alynýar.

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda başgaça bellenilmedik bolsa, halkara gatnawlarynda ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak bilen meşgullanýan daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleriniň ekipažlarynyň düzümine girýän daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almak, eger olaryň Türkmenistanda bolmagynyň möhleti bäş günden köp bolmasa, diňe Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerleriniň migrasiýa nokatlarynda amala aşyrylýar. Eger olaryň Türkmenistanda bolýan möhleti Türkmenistanyň çägine giren gününden başlap, bäş günden geçýän bolsa, olar migrasiýa gullugynyň edaralarynda on bäş güne çenli möhlet bilen hasaba alynýar.

Halkara gatnawlarynda ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak bilen meşgullanýan daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleriniň ekipažlarynyň düzümine girýän daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistandan gitmegine päsgelçilikler döredýän garaşylmadyk beýleki ýagdaýlarda hasaba almagyň möhleti on bäş güne çenli möhlet bilen uzaldylýar.

Döwlet derejesinde Türkmenistanda geçirilýän halkara forumlaryna, sergi-ýarmarkalaryna, ylmy maslahatlara, festiwallara, sport ýaryşlaryna, bilim bäsleşiklerine, beýleki çärelere gelen daşary ýurt raýatlary, şeýle hem Türkmenistanyň erkin ykdysady zolagynyň daşary ýurtly gatnaşyjylary, şol zolakda işlejek daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar, eger olaryň Türkmenistanda bolmagynyň möhleti bäş iş gününden köp bolmasa (ýurduň çägine giren güni muňa girmeýär), diňe Türkmenistanyň Döwlet serhediniň gözegçilik-geçiriş ýerleriniň migrasiýa nokatlarynda, bäş iş gününden geçýän bolsa, migrasiýa gullugynyň edaralarynda ýeňilleşdirilen tertipde hasaba alynýar. Hasaba almagyň ýeňilleşdirilen tertibi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň Döwlet serhedinden girişiniň we çykyşynyň hasaba alynmagy «Elektron gapy» ulgamynyň ulanylmagy arkaly amala aşyrylyp bilner.

«Elektron gapy»ulgamyny ulanmak arkaly hasaba almagyň tertibi, şeýle hem ondan peýdalanmaga rugsat berlen şahslaryň sanawy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

4. Şu aşakdakylar, bolýan ýerlerinde hasaba durmakdan boşadylýar:

1) Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çakylyklary boýunça Türkmenistana gelen daşary ýurt döwletleriniň, parlamentleriniň we hökümetleriniň baştutanlary, döwlet, parlament we hökümet wekiliýetleriniň agzalary, şeýle hem hökümetara we halkara guramalarynyň wekiliýetleriniň agzalary, şonuň ýaly-da şol wekiliýetleriň personaly we sanalyp geçilen adamlaryň maşgala agzalary;

2) bellenilen tertipde Türkmenistana gelen daşary ýurt harby deňiz (derýa) we howa gämileriniň ekipažlarynyň düzümine girýän adamlar;

3) daşary ýurt harby däl deňiz (derýa) gämileriniň ekipažlarynyň düzümine girýän adamlar Türkmenistanyň deňiz portlarynda we deňiz portlary bolan şäherlerinde bolýan mahaly;

4) halkara howa gatnawlarynyň raýat howa gämileriniň ekipažlarynyň, halkara demir ýol gatnawlarynyň otlularynyň brigadalarynyň düzümine girýän adamlar Türkmenistanyň howa we demir ýol menzillerinde we howa hem-de demir ýol menzilleri bolan şäherlerinde bolýan mahaly;

5) Türkmenistana üç iş gününden köp bolmadyk möhlet bilen gelen daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar;

6) «Türkmenistanyň hormatly raýaty» diýen ada mynasyp bolan daşary ýurt raýatlary.

5. Daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam hasaba alnanda daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar barada maglumatlaryň toplanmagy, ýazyp bellenmegi, saklanmagy, umumylaşdyrylmagy hem-de ulanylmagy amala aşyrylýar. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba alýan fiziki we ýuridik şahslardan, beýleki guramalardan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar barada gowuşýan maglumatlar esasynda migrasiýa gullugynyň edaralary daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hasaba almagyň döwlet maglumatlar ulgamyny (mundan beýläk – hasaba almak ulgamy) döredýär.

Hasaba almak ulgamynda daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar barada saklanylýan maglumatlar rugsat çäklendirilen maglumatlar bolup durýar. Hasaba almak ulgamynyň işlemegini üpjün etmegiň, onuň bilen işlemegiň we ony ulanmagyň, ulgamda saklanylýan maglumatlara üýtgetmeler girizmegiň, görkezilen maglumatlara ygtyýar bermegiň, olary goramagyň we bermegiň tertibi, şeýle hem olary saklamagyň möhletleri Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan kesgitlenilýär.

Migrasiýa edaralarynyň beýleki edaralar bilen bilelikdäki hasaba almak ulgamlaryndaky maglumatlarynyň alşylmagynyň we bu babatda hyzmatdaşlyk etmeginiň tertibi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan bellenilýär.

Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar barada maglumatlaryň hasaba almak ulgamyna girizilmegi üçin, şu Kanun arkaly daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlary olaryň bolýan/ýaşaýan ýeri boýunça hasaba almaga hem-de hasaba almagyň hereket ediş möhletini uzaltmaga ygtyýarly edilen döwlet edaralary bellenilen görnüşdäki maglumatlary 24 sagadyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna bermäge borçludyrlar.

Myhmanhanalar ýa-da myhmanhana hyzmatlaryny berýän Türkmenistanyň beýleki guramalary, ýatymlaýyn şertlerde saglygy goraýyş hyzmatyny berýän saglygy goraýyş edaralary, administratiw temmi hem-de jenaýat jeza çärelerini ýerine ýetirýän edaralar daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň gelen senesi, bolmaly möhleti we gidýän senesi hakynda maglumatlary Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna ibermäge borçludyrlar.

Daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň dogluşyny, ölümini bellige alýan, adyň, familiýanyň we atasynyň adynyň üýtgedilmegini, doglan senesi ýa-da ýeri hakynda maglumatlara üýtgetmeleri döwlet tarapyndan hasaba alýan Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň (RÝNÝ) döwlet edaralary şol maglumatlary 24 sagadyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna bermäge borçludyrlar.

6. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň hasaba alnandygy we hasapdan çykarylandygy hakyndaky maglumatlar ýaşalýan/bolunýan ýeri boýunça elektron aragatnaşyk serişdeleri arkaly migrasiýa gullugynyň edaralaryna berlip bilner.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky, 2017-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky we 9-njy oktýabryndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky, 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

### 13-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň beýleki ygtyýarly döwlet edaralarynda hasaba alynmagy

1. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň halkara goragyndan peýdalanýan we aýratyn hukuk derejesi bolan şu aşakdaky toparlary hasaba alynýar:

1) daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň baştutanlary, diplomatik işgärler, konsullygyň wezipeli adamlary, diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň dolandyryş-tehniki we hyzmat edýän işgärleri, harby attaşeleriň hem-de söwda wekilhanalarynyň edarasynyň işgärleri we olaryň ýanýoldaşlary, çagalary, görkezilen adamlaryň eklenjinde bolan ata-eneleri, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň baştutanlarynyň myhmanlary, eger şol myhmanlar şolaryň ýaşaýan ýerinde ýa-da görkezilen wekilhanalaryň we edaralaryň çäklerinde ýaşaýan bolsalar;

2) daşary ýurt döwletleriniň daşary syýasy edaralarynyň gulluk işleri boýunça Türkmenistana gelen we diplomatik ýa-da gulluk pasporty bolan işgärleri hem-de olaryň maşgala agzalary;

3) daşary ýurt döwletleriniň Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryna we konsullyk edaralaryna gulluk iş sapary bilen gelen daşary ýurt raýatlary we olaryň maşgala agzalary;

4) halkara guramalarynyň gulluk işleri boýunça Türkmenistana gelýän wezipeli adamlary, görkezilen guramalaryň Türkmenistandaky wekilhanalarynyň

işgärleri, şeýle hem daşary ýurt döwletleriniň halkara guramalarynyň ýanyndaky Türkmenistanda ştab-kwartirasy bolan, şol guramalaryň tertipnamalaýyn resminamalaryna ýa-da degişli halkara şertnamalaryna laýyklykda diplomatik artykmaçlyklardan we goragdan peýdalanýan işgärleri we olaryň maşgala agzalary;

5) Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan berlen pasportlar boýunça Türkmenistana gelen adamlar, eger olaryň Türkmenistanda bolmaly möhleti bäş günden geçýän bolsa (ýurduň çägine giren güni muňa girmeýär);

6) Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan wekilçilik şahadatnamasy berlen daşary ýurt žurnalistleri we olaryň maşgala agzalary.

2. Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi görkezilen adamlara wekilçilik şahadatnamalaryny berýär ýa-da olaryň pasportlarynda hasaba alnandygy hakynda ýazgy ýazýar. Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi zerur halatlarda, ýagny bu barada daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalary ýa-da konsullyk edaralary, şeýle hem halkara guramalary we beýleki kabul edýän guramalar towakga edende, daşary ýurt döwletlerinden Türkmenistana gelen jemgyýetçilik işgärlerini we olaryň maşgala agzalaryny hasaba alýar. Şeýle halatlarda görkezilen daşary ýurt raýatlary Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynda hasaba durmakdan boşadylýar.

3. Syýahatçylyk ugry boýunça Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar syýahatçylyk çygryndaky ygtyýarly döwlet edarasynda hasaba alynýar.

4. Halkara sport çärelerine akkreditasiýa şahadatnamalary boýunça Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň hasaba alynmagynyň aýratynlyklary, şeýle hem halkara sport çärelerine gatnaşýanlara akkreditasiýa şahadatnamalaryny resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kesgitlenilýär.

$4^{1}$-nji bölegi Türkmenistanyň 05.10.2019 ý. № 193-VI Kanuny esasynda güýjüni ýitiren diýip ykrar edilen.

5. Şu maddada görkezilen ygtyýarly döwlet edaralary hasaba alnan we hasaba almagyň hereket ediş möhleti uzaldylan daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar hakynda maglumatlary ýigrimi dört sagadyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna bermäge borçludyrlar.

6. Şu maddada görkezilmedik daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralarynda hasaba alynýar.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky we 12-nji sentýabryndaky, 2017-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

## □□□ BÖLÜM. TÜRKMENISTANDA ÝAŞAMAK ÜÇIN YGTYÝARNAMA

### 14-nji madda. Ýaşamak üçin ygtyýarnama bermek

1. Türkmenistanda wagtlaýyn bolýan we Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama almaga isleg bildirýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyna ýazylan towakganamany berýärler.

2. Ýaşamak üçin ygtyýarnamany almak üçin şu esaslaryň biriniň bolmagy hökmanydyr:

1) milletiniň türkmen bolmagy;

2) Türkmenistanyň raýaty bilen nika baglaşylmagy;

3) Türkmenistanyň raýaty bolup durýan ýakyn garyndaşlarynyň (är-aýalynyň, atasynyň we enesiniň, babasynyň we mamasynyň, ata-enesiniň, erkek doganynyň, uýasynyň, çagalarynyň, şol sanda perzentlige alnan çagalarynyň, agtyklarynyň) Türkmenistanda ýaşamagy;

4) Türkmenistanyň raýatlaryna hossarlygyň we howandarlygyň bellenen tertipde resmileşdirilmegi;

5) Türkmenistanyň ykdysadyýetine azyndan ABŞ-nyň 500 müň dollary möçberinde maýa goýulmagy;

6) dürli ugurlarda ýokary hünäriniň, şeýle hem ylym, medeniýet, sungat we sport babatda gazanan uly üstünlikleriniň bolmagy hem-de şolaryň Türkmenistanyň bähbitleri üçin peýdalanylyp bilinmegi;

7) GDA-nyň ýurtlaryndan gelen, GDA-nyň ýurtlary bilen wiza düzgüni girizilýänçä Türkmenistanda ýazga alnan GDA-nyň ýurtlarynyň raýatlary ýa-da raýatlygy bolmadyk adamlar bolmagy.

3. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar soňky iki ýyldan az bolmadyk möhletde Türkmenistanyň çäginde ýaşandan soň ýaşamak üçin ygtyýarnamany almak üçin ýüz tutup bilerler.

Türkmenistanyň Prezidenti aýratyn halatlarda şu maddanyň 2-nji böleginde görkezilmedik esaslar boýunça we şu bölegiň 1-nji bendine garamazdan ýaşamak üçin ygtyýarnama berip biler.

4. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bolýan we Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama almaga isleg bildirýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň üsti bilen Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyna degişli towakganama berýärler. Şol towakganama Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň üsti bilen Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna garamak üçin iberilýär.

5. Kämillik ukyby bolan, 18 ýaşy dolan daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamany almak hakynda towakga etmäge hukugy bardyr.

Ata-enelere ýa-da olaryň birine berlen ýaşamak üçin ygtyýarnama 16 ýaşyna ýetmedik (şol sanda perzentlige alnan) çagalaryna hem degişli edilýär. Ata-eneleriniň ýa-da olaryň biriniň Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasy bar mahaly 16 ýaşy dolan çagalara ata-enelerinden biriniň kepillendiriş tertibinde güwä geçilen arzasy esasynda ýaşamak üçin ygtyýarnama Wizalaryň berlişine gözegçilik baradaky topar bilen ylalaşylyp, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy

tarapyndan resmileşdirilýär.

Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar 16 ýaşy dolandan soň alty aýyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralaryna Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama almak üçin ýüz tutmalydyrlar.

Ýaşamak üçin ygtyýarnama möhletleýin berilýär.

Ýaşamak üçin ygtyýarnama daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçmäge hukuk berýän resminamalarynyň möhletine laýyklykda bäş ýyla çenli möhlet bilen berilýär.

Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamany almak meseleleri boýunça towakganamalaryň kabul edilmegi, şeýle hem Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň resmileşdirilip berilmegi, möhletiniň uzaldylmagy, çalşyrylmagy, gaýtadan resmileşdirilmegi üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde döwlet pajy ýa-da konsullyk ýygymlary alynýar.

Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berilmegi ýa-da berilmeginden ýüz dönderilmegi, şeýle hem onuň ýatyrylmagy hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy kabul edilýär.

6. Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama almak baradaky towakganamalara seretmegiň möhleti alty aýdan geçmeli däldir.

Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy we Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi Türkmenistanyň Prezidentiniň namasy kabul edilenden soň on gün möhletde Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berlendigi hakyndaky çözgüdi arza berijiniň dykgatyna ýetirýär.

7. Ýaşamak üçin ygtyýarnama daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň şahsyýetini tassyklaýan ýa-da onuň ornuny tutýan resminamalary esasynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan resmileşdirilýär we Türkmenistanda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara gowşurylýar.

Resmileşdirilen ýaşamak üçin ygtyýarnamany tehniki näsazlyk, maglumatlarda nätakyklyk, raýatyň saglyk ýagdaýy sebäpli barmak yzynyň üýtgemegi zerarly eýesine berlip bilinmedik halatynda, oňa ýaşamak üçin ygtyýarnama täzeden resmileşdirilende, resminamalaryň gaýtadan tabşyrylmagy we döwlet pajynyň tölenilmegi talap edilmeýär.

8. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan resmileşdirilýär we Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň üsti bilen gowşurylýar.

9. Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama alan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçmäge hukuk berýän resminamalary bilen Türkmenistana wiza resmileşdirmezden gelýärler we onda bolýarlar. Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama Türkmenistanyň Döwlet serhedinden köp gezek geçmäge hukuk berýär.

10. Şu Kanunyň 11-nji maddasynda görkezilen esaslar boýunça daşary ýurt

raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama ýaşamak üçin ygtyýarnamany bermekden ýüz dönderilip bilner.

Ýaşamak üçin ygtyýarnamany bermekden ýüz dönderilendigi baradaky çözgüt arza berene şeýle çözgüdiň kabul edilen pursadyndan başlap üç iş gününiň dowamynda habar berilýär.

11. Ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň nusgasy, ony resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen tassyklanylýar.

(2014-nji ýylyň 13-nji iýunyndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky we 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

### 15-nji madda. Ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmak

1. Daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmak üçin Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralaryna arza bilen ýüz tutýar. Ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmak degişli barlaglardan soň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Şu Kanunyň 11-nji maddasynda görkezilen esaslar boýunça daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmakdan ýüz dönderilip bilner.

3. Ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmakdan ýüz dönderilendigi baradaky çözgüt arza berene şeýle çözgüdiň kabul edilen pursadyndan başlap üç iş gününiň dowamynda habar berilýär.

### 16-njy madda. Ýaşamak üçin ygtyýarnamany çalşyrmak

1. Zerur halatlarda daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň arzasy boýunça ýaşamak üçin ygtyýarnama çalşyrylyp bilner. Ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň çalşyrylmagy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Ýaşamak üçin ygtyýarnama şu halatlarda çalşyrylýar:

1) daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň şahsy maglumatlarynyň üýtgemegi netijesinde onuň şahsyýetini tassyklaýan resminamasy çalşyrylsa ýa-da şol resminama üýtgetmeler girizilse;

2) ýazgylarda nätakyklyk ýüze çykarylanda;

3) ulanmaga ýaramsyz ýagdaýda bolanda;

4) bellikler üçin göz öňünde tutulan sahypalar gutaranda;

5) adamyň saglyk ýagdaýy sebäpli ýa-da başga ýagdaýlara görä onuň barmak yzlary, ýüz keşbi üýtgände.

(2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**17-nji madda. Ýaşamak üçin ygtyýarnamany ýatyrmak**

1. Daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasyny ýatyrmak üçin şu halatlar esas bolup biler, eger ol:

1) ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berilmegi hakynda towakganama berlen mahaly galp maglumatlary beren bolsa;

2) kazyýetiň hökümi esasynda agyr ýa-da aýratyn agyr jenaýaty etmekde günäli diýlip ykrar edilse;

3) milli howpsuzlygy, jemgyýetçilik hukuk tertibini we ahlaklylygy üpjün etmegiň bähbitlerine ters gelýän hereketleri etse;

4) terrorçylyk, döwlete garşy, ekstremistik ýa-da gaýry jenaýatçylykly guramalaryň agzasy ýa-da olara dahylly adam bolsa;

5) Türkmenistanyň döwletara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlardan başga ýagdaýda daşary ýurt döwletiniň harby ýa-da beýleki döwlet gullugyna giren bolsa;

6) ýöriteleşdirilen bejeriş narkologik edarasynda hasapda durýan bolsa;

7) Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamany almak maksadyna eýerip, Türkmenistanyň raýaty bilen galp nika baglaşan bolsa we bu nikany hakyky däl diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň güýje giren çözgüdi bar bolsa;

8) zähmet gatnaşyklary esasynda Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama alyp, şol zähmet gatnaşyklaryny bes eden bolsa;

9) Türkmenistanyň raýaty bilen baglaşylan nikasy bäş ýylyň dowamynda bozulan we şol nikadan çagalary ýok bolsa, eger bu nika Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamany almaga esas bolan bolsa;

10) daşary ýurt döwletinde bolýan döwründe erkine bagly bolmadyk ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen Türkmenistana gelip bilmeýän halatlaryndan başga ýagdaýlarda bir ýyldan köp wagtlap üznüksiz ýagdaýda Türkmenistanyň çäklerinden daşarda ýaşan bolsa;

11) administratiw tertipde Türkmenistanyň çäginden çykarylsa;

12) Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilse;

13) aradan çyksa ýa-da ony nam-nyşansyz giden diýip ykrar etmek hakynda kazyýetiň çözgüdi kanuny güýje girse;

14) babatda Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde raýatlygy bolmadyk adamynyň şahsyýetnamasy resmileşdirilse.

2. Şu maddanyň birinji böleginiň 12-nji, 13-nji we 14-nji bentlerinde görkezilen esaslar boýunça daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasyny ýatyrmak barada Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy tarapyndan çözgüt kabul edilýär.

3. Aradan çykan daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasy ýatyrylan halatynda, onuň 16 ýaşyna ýetmedik çagalaryna Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan olaryň 16 ýaşyny doldurmagy bilen ýaşamak üçin ygtyýarnamany almaga hukugynyň bardygy barada kepilnama berilýär. Kepilnamanyň nusgasy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

(2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

## □V BÖLÜM. TÜRKMENISTANDA MIGRASIÝA ÝAGDAÝLARYNA GÖZEGÇILIK

### 18-nji madda. Wizany ýatyrmak we Türkmenistanda bolmaly möhleti gysgaltmak

1. Daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň wizasyny ýatyrmak we Türkmenistanda bolmaly möhletini gysgaltmak üçin şu halatlar esas bolup biler:
1) eger ol Türkmenistanda bolmagyň bellenilen tertibini bozsa;
2) eger ol Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulmagyna ýol berse;
3) eger ol jemgyýet üçin howp döretse ýa-da durmuşda özüni ahlaksyz alyp barsa;
4) eger onuň Türkmenistanda mundan beýläk bolmagy üçin esaslar aradan aýrylan bolsa;
5) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki halatlarda.
2. Kabul edýän tarapyň we beýleki döwlet edaralarynyň towakganamasy boýunça hem daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň wizasy ýatyrylyp we Türkmenistanda bolmaly möhleti gysgaldylyp bilner.
3. Daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň wizasyny ýatyrmak we Türkmenistanda bolmaly möhletini gysgaltmak baradaky çözgüt Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy tarapyndan kabul edilýär.

### 19-njy madda. Türkmenistandan çykmak hakynda tabşyryknama we administratiw tertipde Türkmenistanyň çäklerinden çykarmak

1. Daşary ýurt raýatyna, raýatlygy bolmadyk adama migrasiýa gullugynyň edaralary şu halatlarda Türkmenistandan çykmaga tabşyryknama berýärler:
wizasynyň, Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasynyň hereket ediş möhleti tamamlananda;
wizasynyň, Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasynyň hereket ediş möhletini uzaltmak hakyndaky towakganamasy kanagatlandyrylman galdyrylanda;
ýurduň çäginde bolmaly möhleti gysgaldylanda;
wizasy, Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamasy ýatyrylanda;
beýleki esaslar bilen kesgitlenen Türkmenistanda bolmaly möhleti tamamlananda.
Daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam ýurduň çäginden çykmak hakyndaky tabşyryknamada görkezilen möhletde Türkmenistanyň çäklerinden çykmaga borçludyr.
2. Ýurduň çäginden çykmak baradaky tabşyryknama ýerine ýetirilmedik halatynda daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam administratiw tertipde Türkmenistandan çykarylmaga degişlidir.

3. Daşary ýurt raýaty, raýatlygy bolmadyk adam şu halatlarda hem administratiw tertipde ýurtdan çykarylyp bilner:

1) eger onuň hereketleri milli howpsuzlygy üpjün etmegiň ýa-da jemgyýetçilik hukuk tertibini goramagyň bähbitlerine ters gelse;

2) eger munuň özi ilatyň saglygyny we ahlaklylygyny goramak, Türkmenistanyň raýatlarynyň we beýleki adamlaryň hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak üçin zerur bolsa;

3) eger ol Türkmenistanyň kanunçylygyny gödek ýa-da birnäçe gezek bozan bolsa.

Administratiw tertipde ýurtdan çykarmak hakyndaky çözgüt toplanan maglumatlaryň esasynda migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan kabul edilýär.

4. Ýurtdan çykmak barada tabşyryknamada ýa-da administratiw tertipde ýurtdan çykarmak hakynda çözgütde Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistana gelmegi wagtlaýyn çäklendirilip ýa-da hemişelik gadagan edilip bilner.

5. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda Türkmenistanyň çäginden administratiw tertipde çykarmak Türkmenistanyň migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan amala aşyrylýar.

6. Administratiw tertipde ýurtdan çykarmak boýunça çykdajylar:

1) ýurtdan çykarylýan daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň serişdeleriniň;

2) kabul edýän guramanyň, ýuridik ýa-da fiziki şahsyň serişdeleriniň;

3) aýratyn halatlarda bolsa, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

**20-nji madda. Türkmenistanyň çäklerinde hereket etmek**

1. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň çäklerinde daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň barmagy üçin açyk bolan ýerlere erkin baryp we hereket edip bilerler.

2. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň barmagy üçin ýapyk bolan ýere olaryň barmagy we şol ýerde hereket etmegi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda rugsat almak bilen amala aşyrylýar.

Bu tertip daşary ýurt pasportlary ýa-da olaryň ornuny tutýan resminamalary Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde hasaba alnan daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara hem degişlidir.

Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnama esasynda ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýazgyda duran çäginde serhet zolagynda ýerleşýän etrap merkezlerine barmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan rugsatnamany resmileşdirmezden amala aşyrylýar.

3. Bellenen ugruna laýyklykda serhet sebitinden we (ýa-da) serhet zolagyndan üstaşyr geçmegi amala aşyrýan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar üstaşyr wiza esasynda daşary ýurda gitmek üçin hakyky daşary ýurt pasportlary ýa-

da olaryň ornuny tutýan ýol resminamalary boýunça serhet sebitine we (ýa-da) serhet zolagyna gelýärler, hereket edýärler we onuň üsti bilen gidýärler.

(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**21-nji madda. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanda kabul edýän taraplaryň borçlary**

1. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistana çagyrýan we kabul edýän ýuridik we fiziki şahslar daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen hukuklaryny we borçlaryny öz wagtynda düşündirmäge; olar tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygynyň berjaý edilmegini üpjün etmäge; olaryň wizalaryny, Türkmenistanda ýaşamaga ygtyýarnamasyny, işlemäge rugsatnamasyny we Türkmenistanda bolmagy bilen baglanyşykly beýleki resminamalaryny resmileşdirmegiň hem-de olary uzaltmagyň, hasaba almagyň we onuň hereket ediş möhletini uzaltmagyň, olara hereket etmäge, ýaşaýan (bolýan), işleýän ýerini üýtgetmäge hukuk berýän resminamalaryny resmileşdirmegiň bellenilen tertibini we iş berijide işleýän Türkmenistanyň raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň sanynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gatnaşygyny berjaý etmäge; olaryň ýurtda bolmagynyň kesgitlenen möhletiniň tamamlanmagy bilen olary hasapdan çykarmak hem-de Türkmenistanyň çäginden gitmegi bilen baglanyşykly resminamalary resmileşdirmek boýunça çäreleri görmäge; şeýle hem olaryň ýaşaýan (bolýan), işleýän ýeriniň salgysynyň üýtgändigi barada Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralaryna öz wagtynda habar bermäge borçludyrlar.

2. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň özlerine edilen saglygy goraýyş hyzmatlary üçin tölegi tölemäge mümkinçiligi bolmadyk ýa-da ony tölemekden boýun gaçyran halatynda, tölegi tölemek olary kabul eden tarapyň üstüne ýüklenilýär.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**22-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginde zähmet işini amala aşyrmagynyň tertibi**

1. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäginde zähmet işini amala aşyrmagynyň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär.

2. Daşary ýurt işçi güýjüni Türkmenistanyň çägine çekmek Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň berýän rugsatnamalary esasynda amala aşyrylýar.

3. Zähmet migrasiýasynyň meseleleri düzgünleşdirilen mahaly içerki zähmet bazaryny goramak ileri tutulýan ähmiýete eýedir.

4. Daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanda işe çekilende we olara işlemäge rugsatnamalar resmileşdirilende Türkmenistanyň raýatlarynyň boş iş orunlary eýelemäge artykmaç hukugy baradaky ýörelge, şeýle hem iş berijide işleýän Türkmenistanyň raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň sanynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gatnaşygy berjaý edilmelidir.

Iş berijide kesgitlenen wezipe sanawyndaky wezipe birliginiň azlygy bilen baglanyşykly onda işleýän Türkmenistanyň raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň sanynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gatnaşygyny berjaý etmek mümkinçiligi bolmadyk halatlarynda, olar bu talaby berjaý etmekden boşadylýarlar.

Türkmenistanyň ileri tutulýan hünär toparlary bilen bagly, syýasy, ykdysady we durmuş ýagdaýyny hasaba almak bilen, şeýle hem Türkmenistanda işe çekilýän daşary ýurt işçi güýjüniň ulanylyşynyň netijeliligine baha bermek maksady bilen, iş berijide işleýän daşary ýurt raýatlarynyň we Türkmenistanyň raýatlarynyň sanynyň gatnaşygy zerurlyga görä Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde üýtgedilip bilner. Şunda daşary ýurtly işgärleriň bellenilen gatnaşygynyň möçberi köpelen ýagdaýynda, daşary ýurt raýatlarynyň bellenilen gatnaşygynyň doldurylmagy, belli bir hünär toparlaryna degişli daşary ýurtly işgärleriň çekilmeginiň zerurlygy we ileri tutulýan ykdysady döwlet taslamalarynyň ähmiýeti, daşary ýurtly işgärleriň bellenilen gatnaşygynyň möçberiniň azalan ýagdaýynda bolsa, içerki zähmet bazaryndaky ýagdaýyň üýtgemegi göz öňünde tutulýar.

Iş beriji tarapyndan işe çekilýän daşary ýurt raýatlarynyň we Türkmenistanyň raýatlarynyň sanynyň ýol berilýän gatnaşygy, onuň üýtgetmeleri, şeýle hem daşary ýurtly işgärleriň sanynyň bellenilen gatnaşygyny üýtgetmegiň zerurlygyny kesgitlemek boýunça teklipleri taýýarlamagyň tertibi Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda zähmet işini amala aşyrmak üçin daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanda işlemäge rugsatnamasy bolmalydyr.

Türkmenistanda işlemäge rugsatnama almak, şeýle hem iş berijide işleýän Türkmenistanyň raýatlarynyň we daşary ýurt raýatlarynyň sanynyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen gatnaşygyny berjaý etmek barada talap şu aşakdaky adamlar babatda bildirilmeýär:

Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary tarapyndan berlen şahsyýetini tassyklaýan resminamalary bolan, raýatlygy bolmadyk adamlar;

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan akkreditirlenilen daşary ýurt döwletleriniň diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň, şeýle hem halkara guramalarynyň wekilhanalarynyň işgärleri;

Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara şertnamalaryna laýyklykda döredilen ylym, bilim we medeniýet edaralarynyň daşary ýurtly işgärleri, şeýle hem halkara ynsanperwer we haýyr-sahawat guramalarynyň resmi wekilleri;

Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi tarapyndan akkreditirlenilen daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň habarçylary (žurnalistleri);

Türkmenistanyň çäginde resmi taýdan bellige alnan dini guramalaryň daşary ýurtly dini işgärleri;

mugallymçylyk, ylmy we medeni-aň-bilim işlerini amala aşyrmak, şol sanda Türkmenistanyň bilim edaralarynda gysga möhletli ýa-da belli bir möhletli okuw sapaklaryny we maslahatlaryny geçirmek üçin Türkmenistanyň ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylmagy boýunça çagyrylan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar;

maliýe, audit we beýleki barlaglary, gulluk gepleşiklerini geçirmek, şertnamalary baglaşmak üçin, şeýle hem bilermen hökmünde bir aýa çenli möhlet bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar;

enjamlary gurnamak, abatlamak we tehniki hyzmatlary amala aşyrmak üçin bir aýa çenli möhlet bilen Türkmenistana gelýän daşary ýurt döwletleriniň ýuridik şahslarynyň işgärleri;

Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda zähmet gatnaşyklarynda durmaýan, ýuridik şahslary (olaryň şahamçalaryny we wekilliklerini) esaslandyryjylar, paýdarlar, ýolbaşçylar we daşary ýurt döwletleriniň ýuridik şahslarynyň dolandyryş düzümine girýän daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar;

Türkmenistanyň bilim edaralarynda bilim almagyň gündizki görnüşi boýunça okaýan we okuwdan boş wagtlarynda hem-de dynç alyş döwründe şol edaralarda işleýän daşary ýurtly talyplar;

şertli iş kesilen daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar;

halkara gatnaw ýollarynda ýolagçylary gatnatmak we ýükleri daşamak bilen meşgullanýan daşary ýurt döwletleriniň ulag serişdeleriniň ekipažlarynyň düzümine girýän adamlar;

Türkmenistanda gaçybatalga berlen adamlar;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bosgun diýlip ykrar edilen adamlar;

bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama bilen ýüz tutan we bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamanyň hasaba alnandygy barada wagtlaýyn şahadatnama alan adamlar;

Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýa-da hemişelik ýaşamak maksady bilen Türkmenistanda bolýan daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar;

Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda işe çekmegiň başga tertibi kesgitlenilen daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar.

(2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 26-njy martyndaky we 2017-nji ýylyň 20-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**23-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň zähmet migrasiýasy tertibinde Türkmenistanda bolmagynyň şertleri**

Raýatlygyny çalyşmak bilen baglanyşykly bolmadyk zähmet migrasiýasy tertibinde Türkmenistana gelen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hemişelik ýaşaýan ýeri bolmalydyr.

## BÖLÜM. TÜRKMENISTANYŇ RAÝATLARYNYŇ TÜRKMENISTANDAN GITMEGI WE TÜRKMENISTANA GELMEGI

### 24-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistandan gitmeginiň we Türkmenistana gelmeginiň tertibi

1. Türkmenistanyň her bir raýatynyň Türkmenistandan gitmäge we Türkmenistana gelmäge hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýaty Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek hukugyndan mahrum edilip bilinmez.

Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmegi şu Kanunyň 30-njy maddasyna laýyklykda wagtlaýyn çäklendirilip bilner.

2. Eger Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalary bilen başga tertip bellenilmedik bolsa, Türkmenistanyň raýatlary barylýan ýurduň wizasy ýa-da degişli rugsatnamasy bar bolan mahalynda Türkmenistanyň Döwlet serhedinde ýerleşen, halkara gatnawlary üçin açylan gözegçilik-geçiriş ýerleriniň üstünden Türkmenistandan gitmäge hukuk berýän hakyky resminamalar boýunça Türkmenistandan gidýärler, şunda hasaba almak olaryň biometrik maglumatlarynyň toplanmagy hem-de pasportlarynda ýa-da pasportlarynyň ornuny tutýan resminamalarynda Türkmenistanyň Döwlet serhedinden geçen senesi barada möhürçe bilen bellik edilmegi we bu hakynda zerur maglumatlary elektron maglumatlar goruna girizilmegi arkaly amala aşyrylýar.

3. Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň Döwlet serhedinden girişiniň we çykyşynyň hasaba alynmagy «Elektron gapy» ulgamynyň ulanylmagy arkaly amala aşrylyp bilner.

«Elektron gapy» ulgamyny ulanmak arkaly hasaba almagyň tertibi, şeýle hem ondan peýdalanmaga rugsat berlen şahslaryň sanawy Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky, 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2017-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky, 2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

### 25-nji madda. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goragy

Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän Türkmenistanyň raýatlaryna

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwletiň goragy we howandarlygy kepillendirilýär.

Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalary we konsullyk edaralary Türkmenistanyň kanunçylygynda we halkara şertnamalarynda bellenilen tertipde daşary ýurt döwletlerinde Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagyny üpjün edýärler.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**26-njy madda. Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlarynyň Türkmenistanyň çäginden gitmegi**

1. Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlary öz ata-eneleriniň ýa-da beýleki kanuny wekiliniň biri bilen ýurduň çäginden gidip bilerler, şunda ata-eneleriniň beýlekisiniň kepillendiriş tertibinde tassyklanan razylygy bolmalydyr.

Türkmenistanyň 18 ýaşyna ýetmedik raýatlary ýany bilen gidýän adamyň adyna öz kanuny wekilleriniň kepillendiriş tertibinde tassyklanan razylygy boýunça şol wekiller ýany bilen gitmezden Türkmenistandan gidip bilerler. Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýetmedik raýaty ýany bilen hiç kim gitmezden Türkmenistandan gidýän  halatynda, onuň ýanynda kanuny wekilleriniň şol raýatyň gitjek senesini we barýan ýurduny görkezýän we kepillendiriş tertibinde tassyklanan razylygy bolmalydyr.

Kanuny wekili bolmadyk mahalynda kämillik ýaşyna ýetmedik raýatyň gitmegine hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan rugsat berlip bilner. Kämillik ýaşyna ýetmedik raýatyň gitmegine rugsat bermekden ýüz dönderilmegi kazyýete şikaýat edilip bilner.

Kämillik ýaşyna ýetmedik raýatyň Türkmenistandan gitmeginiň meseleleri boýunça ata-eneleriň arasyndaky düşünişmezlikler kazyýet tertibinde çözülýär.

2. Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýetmedik 14 ýaşdan 18 ýaşa çenli raýatlarynyň Türkmenistandan hemişelik ýaşajak ýerine gitmegi diňe olaryň ýazmaça görnüşde beýan edilen we kepillendiriş tertibinde güwä geçilen razylygy bar mahalynda amala aşyrylyp bilner.

3. Türkmenistanyň kämillik ýaşyna ýetmedik raýaty sport ýaryşlaryna, bilim bäsleşiklerine, medeni-köpçülikleýin, aýdym-saz we beýleki çärelere gatnaşmak, şeýle hem saglygyny bejertmek we okuw maksatlary bilen we beýleki ýagdaýlarda kanuny wekiliniň ýa-da başga adamyň ýanynda bolmagynda, onuň kanuny wekilleriniň biriniň kepillendiriş tertibinde tassyklanylan ynanç haty boýunça Türkmenistandan gitmäge haklydyr.

Kanuny wekili bolmadyk mahalynda kämillik ýaşyna ýetmedik raýatyň gitmegine hossarlyk we howandarlyk edaralary tarapyndan rugsat berlip bilner.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky we 2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**27-nji madda. Türkmenistanyň kämillik ukyby bolmadyk raýatlarynyň Türkmenistandan gitmegi**

Kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistandan gitmäge olaryň kanuny wekilleriniň kepillendiriş tertibinde tassyklanan razylygy esasynda ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda rugsat berlip bilner.

**28-nji madda. Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistandan gitmäge we Türkmenistana gelmäge hukuk berýän resminamalar**

1. Türkmenistandan gitmäge we Türkmenistana gelmäge hukuk berýän hem-de Türkmenistanyň raýatynyň şahsyýetine güwä geçýän resminamalar şular bolup durýar:

1) Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasporty;

2) Türkmenistanyň raýatynyň diplomatik pasporty;

3) Türkmenistanyň raýatynyň gulluk pasporty;

Bu resminamalar Türkmenistanyň eýeçiligi bolup durýar we olar kanunalaýyk resmileşdirilen halatynda Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin hakykydyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň diplomatik we gulluk pasportlaryny resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi, olardan peýdalanmagyň kadalary, şeýle hem olaryň nusgasy we teswiri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

2. Türkmenistanyň raýaty şu maddanyň 1-nji böleginde görkezilen resminamalary ýitiren ýa-da olar hakyky däl bolan halatynda, Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň ýa-da konsullyk edaralarynyň Türkmenistana dolanyp barmak üçin şahadatnamasy Türkmenistana gelmek üçin hukuk berýän resminama bolup durýar.

Türkmenistana dolanyp barmak üçin şahadatnamany resmileşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi we Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullygy tarapyndan bilelikde tassyklanylýar.

3. Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan halatlarda Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin şu maddanyň birinji böleginde görkezilen resminamalaryň ýerine beýleki resminamalar peýdalanylyp bilner.

(2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**29-njy madda. Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportyny resmileşdirmegiň tertibi**

1. Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmek we Türkmenistana gelmek üçin pasportyny (mundan beýläk - pasport) Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy resmileşdirýär.

2. Türkmenistanyň raýatlary pasport almak üçin Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralaryna ýüz tutýarlar.

3. Türkmenistanyň çäklerinden daşarda hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlary pasport almak üçin Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň üsti bilen Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugyna ýüz tutýarlar. Görkezilen raýatlara pasportlar Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň merkezi edarasynda resmileşdirilýär hem-de Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň we konsullyk edaralarynyň üsti bilen gowşurylýar. Olar Türkmenistanyň çäginde bolýan döwründe pasporty resmileşdirmek üçin migrasiýa gullugynyň edaralaryna ýüz tutup bilerler.

4. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň raýaty bolup durýan her bir adama pasport resmileşdirilýär.

5. Pasportda bar bolan elektron maglumat göterijide onuň eýesiniň şahsy maglumatlary, şol sanda biometriki şahsy maglumatlary saklanýar. Bu şahsy maglumatlaryň sanawy Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýär.

6. Pasport resmileşdirmek üçin raýatyň şahsy arzasy we oňa goşulýan resminamalar ýazmaça ýa-da elektron resminama görnüşinde Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kabul edilýär. Raýatyň pasportyny resmileşdirmek üçin resminamalarynyň kabul edilen güni diýlip onuň elektron suratynyň we biometriki maglumatlarynyň alnan güni hasap edilýär.

Şahsy arzalar we olara goşulýan resminamalar hem-de beýleki maglumatlar boýunça migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan merkezleşdirilen maglumatlar gory ýöredilýär. Pasport resmileşdirmek üçin raýatyň şahsy arzasyny we oňa goşulýan resminamalary kabul etmegiň tertibi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

Kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlara pasportlar olaryň ata-eneleriniň biriniň ýa-da beýleki kanuny wekiliniň ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde arzasy esasynda resmileşdirilýär. Kämillik ýaşyna ýetmedik we kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen adamlaryň ýazmaça görnüşinde arzalary kabul edilende we pasportlary berlende olaryň gatnaşmagy hökmanydyr.

Pasport bäş ýyla çenli möhlete resmileşdirilýär.

Daşary ýurt döwletlerinde wagtlaýyn bolýan ýa-da hemişelik ýaşaýan Türkmenistanyň raýatlarynyň, özlerine bagly bolmadyk sebäpler boýunça daşary ýurt döwletlerinden Türkmenistana gidip bilmeýän halatlarynda, olaryň hereket ediş möhletleri tamamlanan ýa-da tamamlanýan pasportlarynyň hereket ediş möhletleri Türkmenistanyň Prezidentiniň karary esasynda uzaldylyp bilner.

Pasport eýesiniň hut özüne ýa-da onuň kanuny wekiline onuň şahsyýetine güwä geçýän resminamalary görkezmegi boýunça gol çekdirilip gowşurylýar.

7. Pasportyň resmileşdirilmegi we berilmegi, şeýle hem onuň çalşyrylmagy üçin döwlet pajy ýa-da konsullyk ýygymlary alynýar, olaryň möçberleri pasportlaryň taýýarlanylmagy we resmileşdirilmegi üçin hakyky çykdajylar nazara alnyp bellenilýär. Resmileşdirilen pasporty tehniki näsazlygyň, maglumatlarda nätakyklygyň, raýatyň saglyk ýagdaýy sebäpli barmak yzlarynyň üýtgemegi zerarly eýesine berip bolmadyk halatynda, oňa pasport täzeden resmileşdirilende gaýtadan resminamalaryň tabşyrylmagy we döwlet pajynyň tölenmegi talap edilmeýär.

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda 16 ýaşa ýetmedik çagalar, weteranlar, şeýle hem ähli topardaky maýyp adamlar döwlet pajyny tölemekden ýa-da konsullyk ýygymlardan boşadylýar.

8. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany esasynda Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilen ýa-da Türkmenistanyň raýatlygy dikeldilen adamlara pasportlar şu Kanunda bellenen tertipde resmileşdirilýär.

9. Pasport şu halatlarda çalşyrylýar:

1) hereket ediş möhleti tamamlananda;

2) şahsy maglumatlary üýtgände;

3) ýazgylarda nätakyklyk ýüze çykarylanda;

4) ulanmaga ýaramsyz bolanda;

5) wizalar we bellikler üçin göz öňünde tutulan sahypalar tamamlananda;

6) raýatyň saglyk ýagdaýy sebäpli ýa-da başga ýagdaýlara görä onuň barmak yzlary, ýüzkeşbi üýtgände.

Zerur bolan halatlarda pasportlar möhleti tamamlanmazyndan öň hem çalşylyp bilner.

10. Pasport şu halatlarda ýatyrylýar:

1) pasport çalşyrylanda;

2) Türkmenistanyň raýatlygy bes edilende;

3) pasportyň eýesi aradan çykanda;

4) tehniki näsazlyk, maglumatlarda nätakyklyk, raýatyň saglyk ýagdaýy sebäpli ýa-da başga ýagdaýlara görä barmak yzlarynyň, ýüz keşbiniň üýtgemegi bilen pasporty raýata berip bolmadyk halatynda.

Raýatyň pasporty ýatyrylanda onuň sahypalary deşilip, birinji sahypasyna «Ýatyryldy/Cancelled» möhürçesi basylýar. Pasport şu bölegiň birinji bendi boýunça ýatyrylanda eýesine gaýtarylyp berilýär, beýleki ýagdaýlarda bolsa Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan bellenen tertipde ýok edilýär.

Pasport ýitirilen halatynda, ol hakyky däl diýlip ykrar edilýär we onuň ýerine Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde täze pasport resmileşdirilýär.

11. Pasporty resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi, ondan peýdalanmagyň kadalary, şeýle hem pasportyň nusgasy we teswiri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

(2015-nji ýylyň 28-nji fewralyndaky, 2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky, 2019-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky, 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky we 2021-nji ýylyň 5-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**30-njy madda. Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmegini wagtlaýyn çäklendirmek üçin esaslar**

1. Şu halatlarda Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmegi wagtlaýyn çäklendirilip bilner, eger:

1) ol döwlet syryny düzýän maglumatlar barada habarly bolsa, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhlet tamamlanýança;

2) onuň garşysyna jenaýat işi gozgalan bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança;

3) oňa jenaýat edendigi üçin iş kesilen bolsa, jezasyny çekýänçä ýa-da jezadan boşadylýança;

4) ol kazyýet tarapyndan üstüne ýüklenilen borçlary ýerine ýetirmekden boýun gaçyrýan bolsa, borçnamalar ýerine ýetirilýänçä;

5) ol kazyýetiň hökümi esasynda aýratyn agyr jenaýat üçin iş kesilen ýa-da aýratyn howply residiwde bilkastlaýyn jenaýaty amala aşyran diýlip hasap edilen ýa-da polisiýanyň administratiw gözegçiliginde durýan bolsa, iş kesilenlik aýyby aýrylýança ýa-da gözegçilik bes edilýänçä;

6) ol barada kazyýetde raýat hak islegi bildirilen bolsa, iş boýunça önümçilik tamamlanýança;

7) ol harby gulluga çagyrylmaga degişli bolsa, harby gullugy geçýänçä ýa-da ondan boşadylýança, Türkmenistanyň çäklerinden daşyna hemişelik ýaşamaga gidýän halatlary muňa degişli däldir;

8) ol daşary ýurt döwletlerinde bolan döwründe adam söwdasynyň pidasy bolmagy ýa-da gulçulyga duçar bolmagy mümkin diýen howatyrlanma bolan halatynda;

9) ol ozal daşary ýurt döwletlerinde bolan wagtynda bolan ýurdunyň kanunçylygyny bozan bolsa;

$9^{1}$ ) onuň gitmegi janyna we saglygyna howp salýan bolsa;

10) onuň gitmegi Türkmenistanyň milli howpsuzlygynyň bähbitlerine ters gelýän bolsa.

2. Daşary ýurt döwletinde Türkmenistanyň raýatlarynyň howpsuzlygyny üpjün edip bolmajak adatdan daşary ýagdaý dörän halatynda Türkmenistanyň Hökümeti Türkmenistanyň raýatlarynyň bu döwlete gidilmegini wagtlaýyn çäklendirmek hakynda karar kabul edýär.

(2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**31-nji madda. Jedelleri çözmegiň tertibi**

1. Pasporty bermekden we resmileşdirmekden ýüz dönderilen, ol wagtlaýyn saklanylan ýa-da alnan ýagdaýynda Türkmenistanyň raýaty bu hereketler barada Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýete şikaýat edip biler.

2. Türkmenistanyň raýatynyň Türkmenistandan gitmeginiň şu Kanunyň 30-

njy maddasynyň birinji böleginiň 2-6-njy bentlerinde göz öňünde tutulan esaslar boýunça çäklendirilmegi şikaýat edilmäge degişli däldir.

**32-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerinden daşarda okamagy we zähmet işini amala aşyrmagy**

1. Harby gullukda durmaýan Türkmenistanyň raýatlary Türkmenistanyň çäklerinden daşarda okap we zähmet işini amala aşyryp bilerler.

2. Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurt döwletinde bilim almagy üçin olarda okuw mekdebiniň degişli tassyknamasy ýa-da çakylyknamasy, raýatyň hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça bilim edarasynda hasaba alnandygy barada güwänamasy bolmalydyr.

3. Türkmenistanyň raýatlarynyň daşary ýurt döwletinde zähmet işini amala aşyrmagy üçin olarda:

kärhananyň takyk salgysyny görkezmek bilen, iş berijiden çakylyknamanyň;

barylýan ýurduň ygtyýarly edaralaryndan zähmet işini amala aşyrmak üçin degişli resminamasynyň bolmagy zerurdyr.

Ýokarda görkezilen şertler ýerine ýetirilmedik halatynda, şeýle hem daşary ýurt döwletinde Türkmenistanyň raýatlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen, olaryň okamak üçin ýa-da zähmet işini amala aşyrmak üçin daşary ýurt döwletine gitmegine rugsat bermekden ýüz dönderilip bilner.

(2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**$32^1$-nji madda. Türkmenistanyň harby gulluga çagyrylmaga degişli raýatlarynyň we harby gullukçylarynyň Türkmenistandan gitmegi**

1. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde çagyryş boýunça harby gulluga çagyrylmaga degişli we ondan boşadylmadyk hem-de harby gulluga çagyryş möhleti yza süýşirilmedik Türkmenistanyň raýatlary Türkmenistandan gitmänkäler çagyryş boýunça harby gullugy geçmäge borçludyrlar, hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäginden daşary gidýän raýatlar muňa degişli däldir.

2. Daşary ýurt döwletlerine wagtlaýyn gidýän, daşary ýurtlarda wagtlaýyn bolýan we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda harby gulluga çagyrylmaga degişli Türkmenistanyň raýatlary çagyryş hakyndaky habary alanlarynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletde çagyryş boýunça harby gullugy geçmek üçin Türkmenistana gelmäge borçludyrlar.

3. Borçnama boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylar hususy işleri boýunça Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda Türkmenistandan gidýärler.

*Kanuna $32^1$-nji maddasy 2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda goşulan.*

**33-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň gulluk, hususy işler hem-de syýahatçylyk ugry boýunça Türkmenistandan gitmegi**

1. Türkmenistanyň raýatlarynyň gulluk, hususy işler, şeýle hem syýahatçylyk ugry boýunça Türkmenistandan gitmäge hukugy bardyr.
2. Türkmenistanyň raýatlarynyň ýurtdan gulluk, hususy işler, şeýle hem syýahatçylyk ugry boýunça gitmegi şu Kanuna hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

**34-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary gitmeginiň tertibi**

1. Türkmenistanyň raýatlarynyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary gitmäge hukugy bardyr. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistanyň çäklerinden daşary gidýän Türkmenistanyň raýatlarynyň barylýan ýurduň kanunçylygynda bellenilen tertipde berilýän degişli wizasy ýa-da rugsatnamasy bolmalydyr.
2. Hemişelik ýaşamaga Türkmenistandan gitmek üçin Türkmenistanyň raýatlarynyň arzalaryna garamagyň we namalary resmileşdirmegiň umumy möhleti üç aýdan geçmeli däldir.

Türkmenistanyň raýatlarynyň hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistandan gitmegi bilen baglanyşykly resminamalary resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.
3. Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistandan gidýän Türkmenistanyň raýatlary özlerine we maşgala agzalaryna degişli emlägi, kanuny esaslarda edinen daşary ýurt puluny alyp gitmäge, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde özleriniň eýeçilik hukuklaryndaky emläge, pul serişdelerine, gymmatly kagyzlaryna we banklarda saklanylýan özge gymmatlyklaryna eýelik etmäge haklydyrlar. Olaryň raýat, durmuş, zähmet, ýaşaýyş jaý we beýleki hukuklarynyň islendik çäklendirilmegine ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň raýatlarynyň döwlet üçin medeni, taryhy ýa-da beýleki gymmatlygy bolan zatlary Türkmenistanyň çäklerinden daşary alyp gitmegi Türkmenistanyň kanunçylygy we Türkmenistanyň halkara şertnamalary arkaly düzgünleşdirilýär.
4. Türkmenistanyň raýatlary hemişelik ýaşamak üçin onuň çäklerinden gitmezinden öň fiziki we ýuridik şahslaryň öňündäki Türkmenistanyň hukuk meselelerini çözmek çygryna degişli bolan emläk borçnamalaryny ýerine ýetirmäge borçludyrlar.

Hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistandan gidýän Türkmenistanyň raýatlary Türkmenistandan gitmäge rugsat almak üçin Türkmenistanda galýan ata-enelerinden, şeýle hem Türkmenistanda galýan kämillik ýaşyna ýetmedik çagalary bolan ýagdaýynda olaryň Türkmenistandaky kanuny wekilinden aliment tölegleri töledip almak boýunça talaplaryň ýokdugy hakyndaky kepillendiriş tertibinde güwä geçilen arzany berýärler. Şol arzanyň haýsydyr bir sebäbe görä alnyp bilinmedik halatynda, Türkmenistandan gidýän Türkmenistanyň raýaty kazyýete

ýüz tutmaga haklydyr, şunda kazyýet aliment borçnamalarynyň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklaýar. Aliment borçnamalary bolan halatynda kazyýetiň çözgüdi boýunça şol borçnamalar birwagtda üzülişilip bilner ýa-da Türkmenistanyň halkara şertnamalaryna laýyklykda aliment borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň tertibi bellenilip bilner.

5. Daşary ýurt döwletine barmagyň tertibi barylýan döwletiň degişli kanunçylygy, şeýle hem Türkmenistanyň halkara şertnamalary arkaly düzgünleşdirilýär.

6. Türkmenistandan gitmek hakynda arza bilen ýüz tutan Türkmenistanyň raýatlary we olaryň maşgala agzalary, şeýle hem hemişelik ýaşamak üçin Türkmenistandan giden Türkmenistanyň raýatlary hemişelik ýaşamaga ýa-da belli bir wagtlyk Türkmenistana yzyna gaýdyp gelenlerinde, Türkmenistanyň raýatlaryna Türkmenistanyň kanunçylygy bilen kepillendirilýän ähli hukuklardan peýdalanýarlar we kanunda göz öňünde tutulan borçlary çekýärler.

(2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky we 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

### 35-nji madda. Emigrantlar bolup durmaýan adamlar

Türkmenistanyň daşary ýurt döwletlerindäki diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň we beýleki wekilhanalarynyň işgärleri, daşary ýurt döwletlerinde wagtlaýyn zähmet işini amala aşyrýan Türkmenistanyň raýatlary, şeýle hem daşary ýurt döwletlerinde okuwda, saglygyny bejertmekde, syýahatçylykda, ýuridik we fiziki şahslaryň çakylygy boýunça, şeýle hem gulluk iş saparynda bolýan adamlar emigrantlara degişli däldir.

Türkmenistandan wagtlaýyn giden beýleki adamlar hem emigrantlara degişli däldir.

### 36-njy madda. Döwlet syrlaryna rugsady bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistandan gitmegi

1. Döwlet syrlaryna rugsady bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistandan gitmegine «Döwlet syrlary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan halatlarda rugsat berilmän bilner.

2. Döwlet syrlaryny düzýän maglumatlardan habarly bolan raýatlara ýurtdan çykmaga wagtlaýyn çäklendirmäniň bardygy barada kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň, okuw mekdepleriniň ýolbaşçylary, harby bölümleriň dolandyryjylary tarapyndan işe (okuwa□ kabul edilen we harby gulluga alnan mahaly mälim edilmelidir.

(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

## □I BÖLÜM. IÇERKI MIGRASIÝA

**37-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak we boljak ýerini saýlap almaga bolan hukugy**

1. Türkmenistanyň her bir raýatynyň Türkmenistanyň Konstitusiýasyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak we boljak ýerini saýlap almaga hukugy bardyr.
2. Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak we boljak ýerini saýlap almaga bolan hukugyny çäklendirmäge şu Kanunda bellenilen esaslar boýunça ýol berilýär.
3. Döwlet häkimiýet edaralarynyň, wezipeli adamlaryň, şeýle hem beýleki ýuridik we fiziki şahslaryň Türkmenistanyň raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerinde erkin hereket etmäge, ýaşajak we boljak ýerini saýlap almaga bolan hukugyny çäklendirmäge degişli çözgütleri, hereketleri ýa-da hereketsizligi barada raýatlar tarapyndan ýokarda durýan edara, ýokarda durýan wezipeli adama ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**38-nji madda. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty**

1. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty onuň eýesiniň şahsyýetini we raýatlygyny tassyklaýan resminama bolup durýar.
2. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty Türkmenistanyň eýeçiligi bolup durýar we Türkmenistanyň ähli ýerinde hakyky güýje eýedir.
3. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty Türkmenistanyň 16 ýaşy dolan her bir raýatyna resmileşdirilýär.
4. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde resmileşdirilýär.
5. Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň raýatynyň arzasy boýunça onuň pasporty çalşyrylyp bilner.
6. Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň resmileşdirilmegi we berilmegi, şeýle hem onuň çalşyrylmagy üçin bellenilen tertipde töleg alynýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda aýry-aýry raýatlar töleg tölemekden boşadylyp bilner.
7. Türkmenistanyň raýatynyň pasportynyň nusgasy we ýazgysy Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.
8. Türkmenistanyň raýatynyň pasportyny resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi, ondan peýdalanmagyň kadalary Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanylýar.

**39-njy madda. Mejbury geçirilmekden goranmaga bolan hukuk**

1. Türkmenistanyň her bir raýatynyň öz ýaşaýan ýa-da bolýan ýerinden

mejbury geçirilmekden goranmaga hukugy bardyr.

Mejbury geçirilmekden goranmaga bolan hukuk Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde kazyýete ýüz tutmak arkaly durmuşa geçirilip bilner.

2. Ýaşaýan ýerinden ýa-da bolýan ýerinden Türkmenistanyň raýatyny mejbury geçirmek kazyýetiň çözgüdi esasynda amala aşyrylyp bilner.

**40-njy madda. Hereket etmek, ýaşaýan we bolýan ýeriňi saýlap almak erkinligine çäklendirmeler**

Milli howpsuzlygy, jemgyýetçilik hukuk tertibini, ilatyň saglygyny goramak maksady bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan Türkmenistanyň şu aşakdaky görkezilen ýerlerinde erkin hereket etmekde, ýaşaýan we bolýan ýeriňi erkin saýlap almakda çäklendirmeler bellenilip bilner:

1) serhet zolagynda;

2) ýapyk harby şäherçelerde;

3) köpçülikleýin ýokanç keselleriň we adamlaryň zäherlenmeleriniň ýaýramak howpy sebäpli, ekologiýa betbagtçylygy we tebigy (tehnogen) heläkçilik zolagynda;

4) adatdan daşary ýagdaý girizilen ýerlerde.

**41-nji madda. Mejbury migrantlar**

1. Adatdan daşary ýagdaýlar bolan mahaly Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan "Adatdan daşary ýagdaý düzgüni hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda adatdan daşary ýagdaý girizilýär.

2. Adatdan daşary ýagdaý dörände ygtyýarly döwlet häkimiýet edaralarynyň raýatlara başga hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýyş jaýlaryny hökmany bermek şerti bilen, olary ýaşamak üçin howply ýerlerden hemişelik ýa-da wagtlaýyn göçürmäge hukugy bardyr.

Mejbury migrantlara zerur kömek berilýär we ýaşamak üçin zerur şertler döredilýär, olar iýmit we agyz suwy bilen üpjün edilýär, esasy arassaçylyk we saglygy goraýyş hyzmatlary edilýär.

3. Türkmenistanyň Hökümeti, döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, degişli durmuş taýdan üpjünçilik edaralary we ýuridik şahslar mejbury migrantlaryň täze ýaşaýyş ýerinde ýa-da bolýan ýerinde ýaşamagy üçin mümkin bolan kömegi berýärler, şeýle hem zerur şertleri döredýärler.

4. Tebigy betbagtçylyklaryň we beýleki ýagdaýlaryň ýaramaz netijeleri düzedilenden soň, Türkmenistanyň Hökümeti we degişli döwlet häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bilen bilelikde mejbury migrantlara ozalky ýaşaýyş ýerine dolanyp barmaga we ony abadanlaşdyrmaga, şol sanda weýran bolan jaýlary dikeltmäge ýardam berýärler.

(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**42-nji madda. Türkmenistanyň raýatlarynyň, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň ýaşaýan we bolýan ýeri boýunça hasabyny ýöretmek**

1. Içerki migrasiýany düzgünleşdirmek, içerki migrantlaryň öz hukuklaryny we azatlyklaryny durmuşa geçirmegi, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň beýleki raýatlarynyň öňündäki öz borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin zerur şertleri üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň çäklerinde raýatyň ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagy we bolýan ýeri boýunça bellige alynmagy girizilýär.

Ýaşalýan ýer boýunça ýazga almak, munuň özi raýatyň Türkmenistanyň degişli etraplarynyň we şäherleriniň çäklerindäki ýaşaýyş jaýynda belli bir salgy boýunça resmileşdirilmegidir, şeýle hem Türkmenistanyň raýatynyň pasportynda bu barada ýazgy ýazylmagydyr ýa-da bellik edilmegidir (möhürçe basylmagydyr).

2. Türkmenistanyň çäklerinde birnäçe ýaşaýyş jaýyna eýeçilik hukugy bolan adam şolaryň diňe birine ýazga alynýar.

Türkmenistanyň raýatlaryny, Türkmenistanyň çäginde ýaşaýan daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary ýaşaýan ýeri boýunça ýazga almagyň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

3. Hemişelik ýaşaýan ýerinden ýazgydan çykmazdan kyrk bäş senenama gününden köp möhlete başga ýere wagtlaýyn giden raýatlar, şeýle hem başga şäherlerdäki okuw mekdepleriniň talyplary we okuwçylary okaýan döwründe öz bolýan ýerleri boýunça bellige alynmaga degişlidir. Zähmet işini amala aşyrmak maksady bilen gelen raýatlary bolýan ýeri boýunça hasaba almak degişli migrasiýa gullugynyň edaralary, gelmeginiň maksady zähmet işini amala aşyrmak maksady bilen bagly bolmadyk raýatlary hasaba almak degişli häkimlikler tarapyndan fiziki we ýuridik şahslaryň ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde ýüztutmalary we olaryň ýanyna goşulýan resminamalary esasynda amala aşyrylýar.

Bellige alnan raýatlara migrasiýa gullugynyň edaralary we häkimlikler tarapyndan ýazmaça ýa-da elektron görnüşinde bellige alyş şahadatnamalary berilýär.

Şu raýatlar bolýan ýerleri boýunça bellige alynmakdan boşadylýarlar:

1) bir welaýatyň ýa-da welaýat hukukly we döwlet ähmiýetli şäheriň çaginde hemişelik ýaşaýan ýerinden ýazgydan çykmazdan kyrk bäş senenama gününden köp möhlete başga ýere wagtlaýyn giden;

2) çagyryş boýunça harby gullugy geçýän;

3) belli bir ýerde ýaşamak borjuny ýüklemek we azatlykdan mahrum etmek görnüşlerdäki jeza çekýän.

Bolunýan ýer boýunça hasaba almak, munuň özi belli bir salgy boýunça ýaşaýyş jaýynda raýatyň wagtlaýyn ýaşaýandygyny resmileşdirmekdir.

Raýatlaryň bolýan ýeri boýunça bellige alynmagy tölegsiz esasda amala aşyrylýar.

Raýatlary bolýan ýeri boýunça hasaba almagyň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar.

(2016-njy ýylyň 12-nji sentýabryndaky, 2017-nji ýylyň 4-nji fewralyndaky we 3-nji iýunyndaky, 2020-nji ýylyň 22-nji awgustyndaky, 2021-nji ýylyň 5-nji iýunyndaky we 2023-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).

**43-nji madda. Ýazga we bellige alynmagyna garamazdan Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepillikleri**

1. Türkmenistanyň her bir raýaty ýaşaýan ýeri boýunça ýazga alynmagyna ýa-da bolýan ýeri boýunça bellige alynmagyna garamazdan, Türkmenistanyň bütin çäginde Türkmenistanyň Konstitusiýasy we beýleki kanunçylygy arkaly kepillendirilen hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýar.
2. Ýazga ýa-da bellige alynmazlygy Türkmenistanyň raýatlarynyň hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmek üçin esas bolup bilmez.

(2017-nji ýylyň 3-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**44-nji madda. Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumy**

1. Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumy Türkmenistanyň raýatlary hakynda maglumatlary toplamak, saklamak, umumylaşdyrmak we seljermek, şeýle hem şol maglumatlary Türkmenistanyň döwlet häkimiýet edaralaryna, beýleki ýuridik we fiziki şahslara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde bermek üçin niýetlenilendir.
2. Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumy Türkmenistanyň raýatlarynyň şahsy maglumatlaryndan ybaratdyr. Raýatlaryň şahsy maglumatlarynyň mazmuny ilat hakynda döwlet maglumat serişdeleriniň esasyny düzýär, olar şahsy maglumatlaryň merkezi toplumy tarapyndan döredilýär we peýdalanylýar.
3. Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumyny emele getirmek üçin maglumatlaryň toplanylmagyna we olaryň peýdalanylmagyna gözegçilik etmek Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan amala aşyrylýar.
4. Türkmenistanyň ilat baradaky bitewi maglumatlar toplumyny emele getirmegiň we onuň işlemeginiň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýär.

(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

## □□I BÖLÜM. TÜRKMENISTANYŇ MIGRASIÝA BARADAKY KANUNÇYLYGYNYŇ BOZULMAGY ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK

### 45-nji madda. Hukuk bozulmalary üçin jogapkärçiligiň esaslary

Türkmenistanyň çäklerinde kanuna garşy etmişleri eden daşary ýurt raýatlary, raýatlygy bolmadyk adamlar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen umumy esaslarda jogapkärçiligi çekýärler, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda bellenilen halatlar muňa girmeýär.

### 46-njy madda. Türkmenistanyň çäklerinde bikanun bolýan daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň kabul edilmegi üçin jogapkärçilik

Ýuridik we fiziki şahslar Türkmenistanyň çäklerinde bikanun bolýan daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary degişli rugsatnamasy bolmazdan işe resmileşdiren halatynda, olaryň hasaba alynmagy we olara ýardam berilmegi üçin, şeýle hem şu Kanunyň 21-nji maddasynyň talaplaryny berjaý etmedik halatynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

### 47-nji madda. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistana gelmeginiň, onda bolmagynyň, ondan gitmeginiň, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçmeginiň tertibiniň bozulmagy üçin jogapkärçiligi

1. Daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanda bolmagyň tertibini bozmagy, ýagny:

Türkmenistanda ýaşamaga hukuk berýän resminamasyz ýa-da wizasyz ýaşamagy;

hakyky däl resminamalar boýunça ýaşamagy;

bikanun zähmet işini amala aşyrmagy;

hasaba almagyň, hereket etmegiň we ýaşaýan ýeriňi saýlap almagyň bellenilen tertibiniň berjaý edilmezligi;

wizanyň ýa-da ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň hereket ediş möhleti tamamlanandan soň ýaşamagy;

wizany ýa-da ýaşamak üçin ygtyýarnamany uzaltmakdan ýüz dönderilenden soň ýaşamagy;

olaryň ýurduň çäginde bolmaly möhletiniň gysgaldylandan soň ýa-da olara berlen wizalar, ýaşamak üçin ygtyýarnamalar ýatyrylandan soň ýaşamagy;

beýleki esaslar bilen kesgitlenen Türkmenistanda bolmaly möhletiniň tamamlanmagy boýunça ýurtdan çykmakdan boýun gaçyrylmagy;

şeýle hem Türkmenistana gelmegiň, ondan gitmegiň we Türkmenistanyň

çäginden üstaşyr geçmegiň kadalarynyň berjaý edilmezligi Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

2. Türkmenistanyň kanunçylygyna we halkara hukuk namalaryna laýyklykda artykmaçlyklardan we immunitetlerden peýdalanýan adamlaryň jogapkärçiligi baradaky mesele diplomatik ýollar arkaly çözülýär.

**48-nji madda. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanda kabul edýän kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň wezipeli adamlarynyň jogapkärçiligi**

Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanda kabul edýän ýa-da olara hyzmat etmegi üpjün edýän, daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistana gelmeginiň, Türkmenistanda bolmagynyň we ondan gitmeginiň, şeýle hem Türkmenistanyň çäklerinden üstaşyr geçmeginiň şertlerini, olary hasaba almagyň, olara wizalary resmileşdirmegiň we uzaltmagyň, Türkmenistanda ýaşamaga, hereket etmäge hem-de ýaşaýan ýerini üýtgetmäge hukuk berýän resminamalary resmileşdirmegiň bellenilen tertibiniň berjaý edilmegi bilen baglanyşykly borçlary ýerine ýetirýän kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň wezipeli adamlary Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

**49-njy madda. Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hususy işler boýunça Türkmenistanda kabul edýän raýatlaryň jogapkärçiligi**

Daşary ýurt raýatlaryny, raýatlygy bolmadyk adamlary hususy işler boýunça Türkmenistanda kabul edýän we olary wagtynda hasaba aldyrmagy üpjün etmek üçin degişli çäreleri, şeýle hem wizalarynyň möhletiniň tamamlanmagy boýunça olaryň Türkmenistandan gitmegini üpjün etmek boýunça çäreleri görmedik raýatlar, şonuň ýaly-da bellenilen kadalary bozup, daşary ýurt raýatlaryna, raýatlygy bolmadyk adamlara ýaşaýyş jaýyny, ulag serişdelerini beren ýa-da beýleki hyzmatlary eden raýatlar hem Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýärler.

(2020-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).

**50-nji madda. Gatnadyjynyň jogapkärçiligi**

Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edaralary Türkmenistanyň çäklerine gelmäge hukuk berýän degişli resminamasy bolmazdan gelen daşary ýurt raýatlarynyň, raýatlygy bolmadyk adamlaryň Türkmenistanyň çäklerinden gitmegini olaryň öz serişdeleriniň, şeýle serişdeleri ýok halatynda bolsa, gatnadyjynyň serişdeleriniň hasabyna üpjün etmäge borçludyrlar.

Eger Türkmenistanyň çäklerine gelmäge rugsat berilmedik daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň haýal etmän gitmegi mümkin bolmasa ýa-

da örän kyn bolsa, onda Türkmenistanyň ygtyýarly döwlet edaralary olaryň ýurduň çäginden gidýänçä belli bir ýerde bolmagy barada tabşyryknama çykarýarlar, şunuň bilen baglanyşykly çykdajylary gatnadyjy çekýär.

Daşary ýurt raýatynyň, raýatlygy bolmadyk adamyň Türkmenistana gelmeginiň şu Kanunyň 6-njy we 7-nji maddalarynda bellenilen tertibini bozup, olary Türkmenistana getiren gatnadyjy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçiligi çekýär.

## VIII BÖLÜM. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

### 51-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi

Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

Şu Kanunyň güýje giren gününden aşakdaky kanunçylyk namalaryny güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli:

1) 2005-nji ýylyň 7-nji dekabrynda kabul edilen "Migrasiýa hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2005 ý., № 3,4, 29-njy madda);

2) 2008-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda kabul edilen "Migrasiýa hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2008 ý., № 4, 64-nji madda);

3) 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda kabul edilen "Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň VII bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2010 ý., № 2, 34-nji madda);

4) 2011-nji ýylyň 26-njy martynda kabul edilen "Migrasiýa hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., № 1, 29-njy madda).

| | |
|---|---|
| **Türkmenistanyň Prezidenti** | **Gurbanguly Berdimuhamedow** |

Aşgabat şäheri.
2012-nji ýylyň 31-nji marty.
№ 290-IV.